# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
# – DÜNÝÄNIŇ ÖŇDEBARYJY TEJRIBELERINDEN UGUR ALYP, ÝAŞLARYŇ DÖWREBAP BILIM ALMAGY, YLYM, SPORT WE DÖREDIJILIK BILEN MEŞGULLANMAGY ÜÇIN GIŇ MÜMKINÇILIKLERI DÖREDÝÄRIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
5-nji oktýabr, 2023. Belgisi 40/1554



# PAGTA ÝYGYMY GYZGALAŇLY DOWAM EDÝÄR

**2-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işleriň barşy bilen bagly meselelere garaldy.**

Welaýatlaryň häkimleri ekerançylyk meýdanlarynda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda welaýatlarda bugdaý ekişi guramaçylykly dowam edýär. Şunda oba hojalyk tehnikalaryndan, gurallaryndan netijeli peýdalanylýar. Ekiş geçirilen ýerlerde gögeriş suwy tutulýar we kadaly gögeriş alynýar. Şeýle hem pagta ýygymynyň depginini güýçlendirmek, ýetişdirilen hasyly gysga wagtda, ýitgisiz ýygnap almak ugrunda degişli işler ýerine ýetirilýär. Hususan-da, pagta hasylyny kombaýnlar bilen ýygnap almak üçin gowaçalaryň ýapragy düşürilýär. Pagtaçy daýhanlar bilen hasaplaşyklar öz wagtynda geçirilýär.

Welaýatlardaky umumybilim berýän orta mekdepleriň, çagalar baglarynyň, hassahanalaryň, oba saglyk öýleriniň we merkezleriniň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýyladyş ulgamlary gyşa talabalaýyk taýýarlanylýar. Mundan başga-da, häkimler şu ýyl sebitlerde açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilen medeni-durmuş we önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ähmiýetine ünsi çekdi hem-de geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişiniň bellenen möhletlerde geçirilmegi, ekiş geçirilen ýerlerde ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmegi, pagta ýygymynyň depginini güýçlendirmek babatda häkimlere birnäçe anyk tabşyryklary berdi. Mundan başga-da, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulan dürli maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamak babatda häkimlere anyk görkezmeler berildi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda alnyp barylýan oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, welaýatlarda geljek ýylyň hasylynyň düýbüni tutmak maksady bilen, bugdaý ekişi dowam edýär. Ekiş geçirilýän meýdanlara mineral dökünleri bermek işleri geçirilýär. Ekiş bilen birlikde, Ahal, Balkan, Lebap we Mary welaýatlarynyň bugdaý ekilen meýdanlarynda gögeriş suwuny, Daşoguz welaýatynda ekişden öň ýerlere tagt suwuny tutmak işleri tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Şu işler bilen bir hatarda, ýurdumyzda ýetişdirilen pagta hasylyny gysga wagtda ýygnap almak, ýygnalýan hasyly pagta kabul ediş harmanhanalarynda gije-gündiziň dowamynda kabul etmek hem-de hasyly pagta arassalaýjy kärhanalarda gaýtadan işlemek, tabşyrylan hasyl üçin pagtaçy daýhanlar bilen hasaplaşyklary öz wagtynda geçirmek boýunça zerur çäreler görülýär.

Şeýle hem wise-premýer Daşoguz welaýatynda şaly oragyna girişilendigini habar berdi. Mundan başga-da, Lebap welaýatynda şaly oragyna, Mary welaýatynda gant şugundyryny ýygnamaga başlamak boýunça degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň möhüm ähmiýetine ünsi çekdi hem-de bugdaý ekişiniň bellenen agrotehniki möhletlerde geçirilmegini, ekiş geçirilen ýerlerde ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmegini, ýetişdirilen pagta hasylynyň gysga wagtda we ýitgisiz ýygnalyp alynmagyny berk gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy. Mundan başga-da, hormatly Prezidentimiz gök-bakja we beýleki azyklyk oba hojalyk ekinleriniň ýetişdirilen hasylynyň öz wagtynda ýygnalyp alynmagyny, geljek ýylyň hasyly üçin ekiş geçirilen ýerlerde ideg işleriniň talabalaýyk alnyp barylmagyny üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, şu günler alnyp barylýan oba hojalyk işleriniň agrotehniki möhletlerde geçirilmeginiň zerur talap bolup durýandygyna ünsi çekdi we bu ugurda öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegine jogapkärçilikli çemeleşmegi tabşyrdy.

## 6-njy oktýabr – Hatyra güni



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri peder ýolunyň dowamata atarylýan ajaýyp zamanydyr. Mert pederleriň ruhuny kalbynda göterýän halkymyzyň geçmiş taryhyna bolan sarpasy hem beýikdir. Hormatly Prezidentimiziň «Merdana ata-babalarymyzyň gahrymançylygy mukaddes Watanymyza, halkymyza we tutuş adamzada ak ýürekden gulluk etmegiň nusgalyk mekdebidir» diýen sözleri täze taryhy eýýamda Watana, halka ak ýürekden hyzmat eden milli gahrymanlarymyza, ruhy pederlerimize çäksiz sarpanyň beýanydyr.

Gökdepe galasyny goran ata-babalarymyzyň, 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunyň gahrymanlarynyň, 1948-nji ýylyň Aşgabat ýertitremesinde şehit bolanlaryň hatyralanmagy pederlerimiziň milli ýörelgelerinden gaýdýan däp-dessurlarynyň häzirki döwürde mynasyp dowam etdirilýändiginiň aýdyň nyşanydyr. ■ 3

## Gahryman Arkadagymyzyň ýolunyň dowamaty



**Ýakynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent at dakyldy. Gahryman Arkadagymyzyň ýoluny dowam etdirýän hormatly Prezidentimize berlen bu ýokary sylag ýurdumyzda döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan öňdengörüjilikli içeri we daşary syýasatynyň, durmuş hem-de ynsanperwer ugurly syýasatlarynyň dünýä jemgyýetçiliginde hem-de ýurdumyzda uly goldawa eýe bolýandygynyň nobatdaky subutnamasydyr.**

**Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ykdysadyýetde, söwdada, oba hojalygynda, ylym-bilim pudagynda uly ösüşler gazanylýar.** ■ 3

## Türkmen-german hyzmatdaşlygynyň täze derejesi



Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 28-29-njy sentýabrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Germaniýa Federatiw Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy. Üstünliklere beslenen iş sapary türkmen-german hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny halk hojalygynyň dürli ugurlarynda, hususan-da, energetika, ulag-aragatnaşyk, oba hojalygy we beýleki ugurlarda ösdürmek üçin täze itergi boldy.

Germaniýa bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän daşary syýasat strategiýasynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Şu gezekki sapar döwletara gatnaşyklary berkitmekde hem-de türkmen-german hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze derejä çykarmakda nobatdaky möhüm ädim boldy. ■ 2

## HALKARA ÝAŞLAR FORUMY GEÇIRILDI

***2-nji oktýabrda Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda ýaşlaryň dünýäde durnukly geljegi gurmak ugrunda artýan ornuna bagyşlanyp, «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly halkara ýaşlar forumy geçirildi.***



Utgaşykly görnüşde guralan köptaraplaýyn foruma Merkezi Aziýa döwletleriniň ýaşlar syýasaty ulgamyndaky jogapkär ýolbaşçylary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, Hytaý Halk Respublikasyndan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Liwiýadan, Azerbaýjan Respublikasyndan we beýleki ýurtlardan ýaşlar, şeýle hem BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy, Birleşen Milletler Guramasynyň degişli düzümleriniň we agentlikleriniň, şol sanda BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň, Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň, Çagalar gaznasynyň, Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň we Ilat gaznasynyň işgärleri gatnaşdylar.

Türkmen tarapyndan halkara foruma Bilim ministrliginiň, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň ýolbaşçylary we wekilleri, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň ýaş agzalary, paýtagtymyzdaky ýokary okuw mekdepleriniň, şol sanda Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň, Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyplary we beýlekiler gatnaşdylar.

Duşuşyga gatnaşyjylar forumyň öňüsyrasynda Halkara atçylyk akademiýasynyň giň eýwanynda ýaýbaňlandyrylan halkymyzyň baý medeni mirasyny we onuň köpugurlylygyny şöhlelendirýän amaly-haşam sungatynyň sergisi bilen tanyşdylar.

Çäre Birleşen Milletler Guramasynyň «Ýaşlar – 2030» strategiýasynyň maksatlaryna we wezipelerine doly laýyk gelmek bilen, ol dürli medeniýetlere, sebitlere, garaýyşlara wekilçilik edýän ýaşlaryň arasynda netijeli dialogy ösdürmäge, parahatçylygy berkitmek, diplomatik ýollar arkaly dawalaryň öňüni almak we çözmek işinde ýaşlaryň mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilendir. Çykyşlarda bellenilişi ýaly, ýurdumyzda 2023-nji ýylyň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip yglan edilmegi ýaşlara uly ynam bildirilýändigini tassyklaýar. ■ 2

## Nebitgaz pudagynyň batly gadamlary



Ýene-de sanlyja günden paýtagtymyz Aşgabatda «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2023» atly XXVIII halkara maslahaty we sergisi geçiriler. Ýurdumyzyň nebitgaz senagatynyň üstünliklerini dünýä jemgyýetçiligine ýaýmak, bu ugurda daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen tejribe alyşmak maksady bilen geçirilýän bu halkara maslahatyň we serginiň energiýa serişdelerini çykarmak, gaýtadan işlemek, olaryň dünýä bazarlaryna iberilişini diwersifikasiýalaşdyrmak işleriniň has-da ilerlemeginde ähmiýeti uludyr. Bu möhüm çärä daşary ýurt kompaniýalarynyň, halkara maliýe guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň köp sanly wekilleri gatnaşýarlar. Şeýle forumlaryň geçirilmegi daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen nebitgaz pudagynda deňhukukly, özara bähbitli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek üçin giň mümkinçilikleri açýar. ■ 3

## Afroditanyň ybadathanasy tapyldy

Müsüriň we Fransiýanyň arheologlary Müsüriň Aleksandriýa şäheriniň kenarýakasyndaky suwuň düýbünden gadymy grek hudaýy Afroditanyň ybadathanasyny tapdylar. ■ 4

## Bal näme üçin zaýalanmaýar?

Balaryçylyk oba hojalygynda üns berilýän ugurlaryň biri bolup, gözbaşyny has irki ýyllardan alyp gaýdýar. Bal adam saglygy üçin peýdaly iýmitleriň biri hasaplanýar. Gadymy döwürlerden bäri dürli keselleri bejermekde bu iýmitden peýdalanylyp gelinýär. ■ 5

## AFK Çempionlar Ligasynda 2-nji duşuşyklar

AFK Çempionlar Ligasynda toparçalardaky 2-nji duşuşyklara badalga berildi. «A» toparçadaky oýunlarda BAE-niň «Al-Ain» topary öz meýdançasynda «Ahal» toparyndan 4-2 hasabynda üstün çykdy. ■ 7



# HALKARA ÝAŞLAR FORUMY GEÇIRILDI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

«Dialog – parahatçylygyň kepili» atly halkara ýaşlar forumynyň geçirilmegi ýurtlaryň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny, özara hormat goýmagy pugtalandyrmaga, dawalaryň öňüni almakda hem-de çözmekde dialogyň möhüm ähmiýetine düşünmäge, parahatçylygy, howpsuzlygy berkitmek boýunça işlere ýaşlaryň işjeň çekilmegine şert döreder. Forumyň işi «Parahatçylygyň hatyrasyna ýaşlaryň başlangyçlary: parahatçylygy we durmuş jebisligini üpjün edýän üstünlikli taslamalar we başlangyçlar»; «Howanyň üýtgemegi: ekologiýa durnuklylygy bilen parahatçylygy döretmegiň arasyndaky baglanyşyk»; «Sanly diplomatiýa we parahatçylygy ýola goýmak: parahatçylygy döretmek boýunça oňyn tagallalary üçin tehnologiýalary we durmuş torlaryny peýdalanmak»; «Medeniýet we sungat arkaly parahatçylygy ilerletmek: Merkezi Aziýada ýaşlaryň seslerini bir ýere jemlemek» atly dört bölümiň çäginde dowam etdi.





### ÝAŞLAR DIALOGYNY ESASLANDYRMAK BOÝUNÇA MEJLIS

Günüň ikinji ýarymynda forumyň çäklerinde Merkezi Aziýa döwletleriniň ýaşlar dialogyny esaslandyrmak boýunça mejlis geçirildi. Onuň işine sebitiň döwletleriniň – Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň ýaşlar syýasaty boýunça edaralarynyň jogapkär wekilleri gatnaşdylar. Duşuşyga gatnaşyjylar Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýaşlarynyň arasynda dialogyň goldanylmagy üçin şeýle formatyň döredilmeginiň hem-de ählumumy bähbitleriň halkara giňişlikde ilerledilmegi üçin sebitiň ýaşlarynyň güýjüni bir ýere jemleýän gurşawyň emele getirilmeginiň möhüm ähmiýete eýedigini nygtadylar.

Bellenilişi ýaly, BMG-niň syýasy resminamalaryny amaly taýdan durmuşa geçirmekde, şeýle hem «Ýaşlar, parahatçylyk we howpsuzlyk» maksatnamasynyň wezipelerini bilelikde amala aşyrmakda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýaş raýatlaryny jebisleşdirmek maksady bilen, soňky ýyllarda BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleriniň, şol sanda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň goldaw bermeginde sebitde ýaşlaryň dialogy işjeň ösdürilýär. Hususan-da, sebit merkezi tarapyndan «Öňüni alyş diplomatiýasy akademiýasy» başlangyjy durmuşa geçirilýär. Bu başlangyç ýaşlary Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamlarynyň çäginde hereket edýän öňüni alyş gurallary bilen tanyşdyrmaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklarynyň hem-de daşary işler ministrleriniň her ýylda geçirilýän maslahatlarynyň çäklerinde ýaşlaryň we sebitiň ýurtlarynyň Hökümetleriniň resmi adamlarynyň arasynda dialogy guramak tejribesi ýola goýuldy.

Mälim bolşy ýaly, ýakynda geçirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň bäşinji konsultatiw duşuşygynda Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda ýaşlar syýasatynyň umumy ugurlary hakynda Ylalaşyga gol çekildi. Munuň özi sebitde ýaşlaryň başlangyçlaryny goldamagyň we höweslendirmegiň möhüm hasaplanýandygyny tassyklaýar.

Türkmenistan sebitiň ýurtlary bilen bu ulgamda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmek ugrunda yzygiderli çykyş edýär. Köptaraplaýyn duşuşyga gatnaşyjylar şeýle görnüşli çäreleriň ýaşlaryň durmuş işjeňligini has-da artdyrmaga, halkara gatnaşyklary berkitmäge, raýatlary watançylyk ruhunda terbiýelemäge, ýaş nesliň ýakyn hyzmatdaşlygyny, özara ynanyşmagyny pugtalandyrmaga itergi berýändigi hakyndaky umumy pikiri goldadylar.

Bu möhüm ugurda özara gatnaşyklary giňeltmek bilen baglanyşykly meseleler boýunça geçirilen pikir alyşmalar Merkezi Aziýa döwletleriniň köpýyllyk dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýan köptaraply hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk-de ösdürilmegine bolan özara gyzyklanmalary tassyklady. Forum tamamlanandan soňra, Merkezi Aziýa döwletleriniň ýaşlar dialogynyň Ähtnamasyna gol çekmek dabarasy boldy.

## 100 uçar sargyt etdi

Hytaýyň «China Eastern Airlines» awiakompaniýasy bu ýurtda işlenip taýýarlanan ilkinji uçar bolan «C919» uçaryndan 100 sanysyny sargyt etdi. Awiakompaniýa ilkinjileriň hatarynda mundan ozal hem şol uçardan satyn alypdy. Täze sargyt edilen howa gämileri 2024-2031-nji ýyllar aralygynda gowşurylar. «China Eastern Airlines» 2021-nji ýylda, entek uçaryň önümçiligi ýola goýulmanka 5 sany «C919» sargyt edipdi.



«C919» uçaryny Hytaýyň täjirçilik uçar kompaniýasy (COMAC) işläp taýýarlady. Ýurduň ilkinji ýerli ýolagçy uçary hasaplanýan howa gämisi 156-168 aralygynda ýolagçy orunlyk bolup, orta uzaklyga gatnamaga niýetlenendir. Häzirki wagtda dünýäde ýolagçy uçar önümçiliginde «Boeing» hem-de «Airbus» öňdeligi eýeleýär.

**Şamuhammet AŞYROW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# TÜRKMEN-GERMAN HYZMATDAŞLYGYNYŇ TÄZE DEREJESI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Saparyň maksatnamasyna ikitaraplaýyn görnüşde, şeýle hem Merkezi Aziýa döwletleriniň we GFR-iň wekiliýetleriniň Baştutanlarynyň derejesinde möhüm duşuşyklaryň birnäçesi girizildi. Şunuň bilen birlikde, GFR-iň ýokary derejeli ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda wajyp ähmiýetli köptaraplaýyn çäräniň guralmagy Ýewropanyň bu döwletiniň halkara giňişlikde durnukly we ygtybarly hyzmatdaş hökmünde uly abraýa eýe bolan Türkmenistan, şeýle hem Merkezi Aziýanyň ýurtlary bilen netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga aýratyn gyzyklanma bildirýändigininiň aýdyň subutnamasydyr.



Germaniýa ykdysadyýetiniň kuwwatlylygy boýunça Ýewropa Bileleşiginde we dünýäde öňdebaryjy ýurtlaryň biridir. Ýewropanyň bu iri döwleti awtoulag senagatynda, uçar önümçiliginde, elektrik inženerçiliginde, lukmançylyk, oba hojalyk, azyk, himiýa we derman senagaty enjamlaryny öndürmekde, şeýle hem «ýaşyl» energiýa önümçiliginde öňbaşçylaryň hatarynda tanalýar. Şol bir wagtda bu ýurduň köp sanly iri kompaniýalary eýýäm biziň ýurdumyz bilen köp ýyllardan bäri hyzmatdaşlyk edip gelýän bolsa, olaryň üsti täze kompaniýalar bilen hem ýetirilýär.

Häzirki güne çenli ýurdumyzda german maýasynyň gatnaşmagynda umumy möçberi ABŞ-nyň 1,6 milliard dollaryna golaý bolan maýa goýum taslamalarynyň we şertnamalarynyň 196-synyň bellige alnandygy muňa aýdyň mysaldyr. GFR-iň işewür toparlarynyň wekilleri, şol sanda «Siemens», «Daimler», CLAAS, «Rohde & Schwarz», «Dresser-Rand» we beýleki kompaniýalar uzak möhletli bilelikdäki taslamalary amala aşyrmaga saldamly goşant goşýarlar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň diwersifikasiýalaşdyrylmagyny, ýokary tehnologiýaly önümçilikleriň giňden ornaşdyrylmagyny, işjeň sanlylaşdyrmagy, infrastrukturanyň okgunly ösdürilmegini nazara almak bilen, iki ýurduň mümkinçiliklerini has netijeli ulanyp bolar. Türkmenistan döwletimiz ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda german kompaniýalarynyň netijeli işlemegi üçin oňaýly şertleri hödürlemäge taýýardyr. Türkmen ykdysadyýeti oňyn pikirler we teklipler, jogapkärli, ygtybarly hyzmatdaşlyk üçin hemişe açykdyr. Şu nukdaýnazardan Berlin şäherinde geçirilen türkmen-german işewürler forumy hem uzak möhletli söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmekde möhüm ädim hökmünde garalýar.

Umuman, türkmen-german gatnaşyklarynyň häzirki günde ähli esasy ugurlary öz içine alyp, işjeň ösdürilýändigini bellemek gerek. Dürli ýyllarda ikitaraplaýyn görnüşde, şeýle hem halkara formatlaryň çäklerinde geçirilen ýokary derejedäki duşuşyklar bar bolan hyzmatdaşlygy ösdürmekde möhüm orny eýeleýär. Bu duşuşyklar syýasy hyzmatdaşlygyň esasy binýadyny goýdy, ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, medeni-ynsanperwer ulgamda hyzmatdaşlyk etmek üçin amatly şertleri döretdi.

Energetika ulgamy möhüm ugurlaryň hatarynda görkezildi. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň nebitgaz toplumy üçin Germaniýanyň kompaniýalarynyň tehnikalaryny we enjamlaryny getirmek meselesini ara alyp maslahatlaşmaga, Gün batareýalaryny peýdalanmak boýunça german tehnologiýalaryny Türkmenistanda ornaşdyrmagyň mümkinçiligini öwrenmäge taýýardygy beýan edildi. Şeýle hem ýurdumyzda ýokary tehnologiýaly önümçilikleri döretmek maksady bilen, Germaniýanyň wodorod energetikasy boýunça tejribesini öwrenmäge isleg bildirildi.

Oba hojalyk pudagynda Türkmenistan bilen CLAAS kompaniýasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň köpýyllyk oňyn tejribesini nazara almak bilen, innowasion çemeleşmeli, öňdebaryjy «ýaşyl» tehnologiýalary we sanly ulgamy işjeň ulanmak arkaly hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerine geçmek teklip edildi.

Raýat awiasiýasy ulgamynda, hususan-da, iki ýurduň arasynda howa gatnawlaryny ösdürmek babatda, Türkmenistanyň howa menzillerini bilelikde dolandyrmak mümkinçiliklerini artdyrmakda, şol sanda bu taslamalary durmuşa geçirmek üçin degişli hukuk binýadyny taýýarlamakda hyzmatdaşlyk meselelerine aýratyn üns berildi.

German ykdysadyýetiniň Gündogar komitetiniň ugry boýunça hem hyzmatdaşlyk etmegiň oňat mümkinçilikleri bar. Şunda «ýaşyl» geçişi, şol sanda az uglerodly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, energetika we lukmançylyk geljegi uly ugurlar hasaplanýar. Gündogar komiteti bilen geçirilen duşuşyklaryň netijeleri boýunça 2023-nji ýylyň 20-nji noýabrynda Berlin şäherinde wekilçilikli Türkmen-german işewürlik forumyny guramak teklip edildi.

Bellenilişi ýaly, geljekki hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli gatnaşyklaryň ýola goýulmagy mundan beýläkki işiň ugurlaryny kesgitlemäge, wajyp başlangyçlaryň we haryt dolanyşygynyň ýurtlarymyzyň ýokary ykdysady kuwwatyna laýyk gelýän derejä çykarylmagyny üpjün etmek boýunça çäreleri durmuşa geçirmäge ýardam etdi.

**Muhammetnyýaz SEÝIDOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## Oba ýerlerinde elektrik beketleri gurlar

Daşky gurşawa ýetirilýän zyýany azaltmak maksady bilen soňky ýyllarda arassa energiýa çeşmelerinden has köp peýdalanylmagy üçin iri taslamalar durmuşa geçirilýär. Bu ugurda, esasan, elektroulaglaryň ýaýbaňlandyrylmagyna üns berilýär. Emma elektroulaglara zarýad beriş beketleriň azlygy, bu ulaglaryň bir gezekki zarýady bilen geçip bilýän ýolunyň adaty ýangyçly ulaglardan pes bolmagy esasy meseleleriň biri bolup durýar. Germaniýada adamlaryň elektroulag satyn almagyny höweslendirmek maksady bilen az ilatly ýerlere zarýad beketlerini gurmak üçin 1,8 milliard dollar maýa goýum goýberiler. Onuň çäklerinde şäherden uzakda ýaşaýanlar üçin ýurduň 900 sebitinde jemi 8 müňden gowrak zarýad bekedi gurlar.



**Muhammetaly AKMÄMMEDOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## «EKSPO-2023» halkara sergisi geçirilýär

Kataryň paýtagty Dohada «Ekspo-2023» halkara bagbançylyk sergisi açyldy. «Ýaşyl çöl, has gowy daşky gurşaw» şygary bilen geçirilýän sergide Türkmenistanyň milli pawilýony hem bar. Açylyş dabarasyna Kataryň Emiri Şeýh Tamim bin Hamad Al Tani, Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýan, Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew, Jibuti Respublikasynyň Prezidenti Ismail Omar Gelle, Tanzaniýanyň Prezidenti Samiýa Suluhu Hasan, Yragyň Hökümet başlygy Muhammed Şia As-Sudani, Ýemeniň Hökümet başlygy Main Abdel Malik we beýleki birnäçe ýokary derejeli myhmanlar gatnaşdy.



100 gektar meýdany eýeleýän «Al bidda park» seýilgähinde geçirilýän «Ekspo-2023» halkara bagbançylyk sergisi geljek ýylyň 28-nji martyna çenli dowam eder. Sergide 80 ýurduň pawilýonlary bolup, çäräniň ahyryna çenli 3 million myhmanyň baryp görmegine garaşylýar.

**Rejepmuhammet NURMUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# SAGLYK – BAŞ BAÝLYK

Adam hakyndaky alada Arkadagly Serdarymyzyň döwlet syýasatynda hemişe ileri tutulýan ugurlaryň biri bolmagynda galýar hem-de jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy bolan adamyň saglygyny goramakda, ilatyň saglyk ýagdaýyny gowulandyrmakda, keselleriň öňüni almakda we olary ýok etmekde, saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamyny dünýä derejesinde ösdürmekde uly işler amala aşyrylýar. Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda ösdürmek boýunça Milli maksatnamada döwletimiziň öňe sürýän esasy wezipeleri öz beýanyny tapmak bilen, oňa laýyklykda, giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Ýurdumyzy ösdürmekde ýetilen sepgitleriň ählisi Gahryman Arkadagymyzyň beýik işleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny netijeli dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda berkarar döwletimiz okgunly öňe barýar, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda, şol sanda saglygy goraýyş ulgamynda hem düýpli öňegidişlikler gazanylýar. Keselleriň öňüni almak, sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek, keseli öz wagtynda ýüze çykarmak we bejermek, ilaty zerur bolan derman we beýleki saglygy goraýyş maksatly serişdeleri bilen doly derejede üpjün etmek, saglygy goraýyş edaralary üçin ýörite bilimli, öz kärine ussat hünärmenleri taýýarlamak arkaly raýatlarymyzyň sagdyn bolmagyny gazanmak we olaryň ömür dowamlylygyny uzaltmak saglygy goraýyş ulgamynyň esasy maksady bolup durýar. «Saglyk» Döwlet maksatnamasynda saglygy goraýyş ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy giňeltmäge aýratyn ähmiýet berilýär. 10-njy oktýabrda «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara sergini we ylmy maslahatyny geçirmek meýilleşdirilýär. Her ýyl saglygy goraýyş ulgamynyň gazanan üstünliklerine bagyşlanyp geçirilýän bu foruma gatnaşýan ýurtlaryň sany ýylsaýyn artýar. Forum innowasion tehnologiýalara we giň halkara hyzmatdaşlyga esaslanyp, milli lukmançylygy kämilleşdirmekde täze pikirleri, çemeleşmeleri teklip edýär. Halkara sergide ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň ösüş depgini, lukmançylyk ylmynda we senagatynda, ilatyň saglygyny goramakda ýetilen sepgitler, daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň bu ulgamdaky işjeň gatnaşyklara barha artýan gyzyklanmalary öz beýanyny tapýar. 22-nji sentýabrda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde bellenilişi ýaly, Saglygy goraýyş we derman senagaty, Bilim ministrlikleriniň hem-de Ylymlar akademiýasynyň bilelikde guramagynda «Gündogaryň meşhur akyldary we lukmany Abu Aly ibn Sinanyň umumadamzat ähmiýetli mirasy» atly halkara ylmy maslahaty geçiriler. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününe gabatlanyp, 11-nji oktýabrda guralmagy meýilleşdirilýän utgaşykly görnüşdäki foruma ýurdumyzyň hünärmenleri bilen birlikde, daşary ýurtlaryň birnäçesinden alymlaryň, professorlaryň we mugallymlaryň gatnaşmagyna garaşylýar. Bu maslahatyň halkara ylmy hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda, Abu Aly ibn Sinanyň köptaraply mirasyny, bitiren hyzmatlaryny açyp görkezmek babatda ähmiýeti örän uly bolar.



Adam üçin tapylgysyz baýlyk bolan saglygy goramak bu günki gün eli şypaly lukmanlarymyzyň paýyna düşýär. Şoňa görä-de, ilatyň saglygyny has-da gowulandyrmak we abadançylygyny ýokarlandyrmak, adam ömrüniň dowamlylygyny artdyrmak, raýatlaryň saglygyny goramak babatda giň mümkinçilikleri we şertleri üpjün etmek, kämil hem-de ýokary netijeli saglygy goraýyş ulgamyny döretmek, keselleriň öňüni almak saglygy goraýşyň baş ugry bolup durýar. Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi bolsa, ilkinji nobatda, saglygynyň goralyşy we berkidilişi, ýurtda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň, köpçülikleýin bedenterbiýäniň we sportuň ýaýbaňlandyrylyşy bilen kesgitlenilýär.

Ýurdumyzyň baky berkararlygy, halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşy, tutuş adamzadyň abadan durmuşy ugrunda alyp barýan bimöçber işlerinde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli beýik tutumlary hemişe üstünliklere we rowaçlyklara beslensin!

**Maýa DURDYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň iýmit gigiýenasy kafedrasynyň müdiri.*

## Ýurduň ilkinji ýokary tizlikli demir ýoly

Indoneziýanyň paýtagty Jakarta bilen ýurduň Bandung şäherleriniň arasynda ilkinji ýokary tizlikli otly ýoly açyldy. Hytaýyň goldaw bermeginde, «Bir guşak, bir ýol» taslamasynyň çäginde durmuşa geçirilen taslamanyň bahasynyň 7,3 milliard dollardygy mälim edildi. Otly «Whoosh» diýip atlandyrylypdyr. 142 kilometr aralykda gatnajak otlynyň ilkinji ýylynda 10 million ýolagçy gatnatmagyna garaşylýar. Taslamanyň gurluşygyna 2015-nji ýylda başlanypdyr.



Täze otlynyň netijeli, daşky gurşawa zyýansyz we beýleki jemgyýetçilik ulaglary bilen sazlaşyklydygy bellenildi.

**Eneş BEGPOLODOWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň talyby.*

## Gün energiýasyny ösdürýär

Soňky ýyllarda Günden energiýa almakda Hytaýyň has köp maýa goýýandygy aýdylýan hem bolsa, bu ugurda ABŞ-nyň hem uly öňegidişlik gazanýandygy mälim edildi. Ýurduň Federal Gün energiýasyny sazlaýjy guramasynyň maglumatyna görä, ýurtda sarp edilýän elektrik energiýasynyň 7,12 göterimi Günden alnypdyr.

ABŞ-nyň Energiýa maglumat edarasy (EIA) bolsa, iýul aýynda Günden alnan elektrik energiýasynyň geçen ýylyň degişli döwründäkiden 22,3 göterim ýokary bolandygyny habar berdi. Bu ösüş beýleki ähli energiýa çeşmeleriniň jeminden hem köp. Bilermenler 2026-njy ýylyň iýulyna çenli Günden alynýan energiýanyň möçberiniň 84 müň 392 MW artmagyna garaşýar. Bu görkeziji ýelden garaşylýan energiýa artyşyndan (21 müň 341 MW) dört esse köp. Gaty ýangyçlardan we tebigy gazdan alynjak energiýanyň bolsa, (4 müň 660 MW) tas 20 essesine barabar.



**Aýgül BEGNAZAROWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

# NOBEL HEPDELIGI DOWAM EDÝÄR

Ylym dünýäsiniň iň abraýly baýragy hasaplanýan we alty ugurdan gowşurylýan Nobeliň fiziologiýa ýa-da lukmançylyk, fizika we himiýa baýraklarynyň eýeleri mälim edildi.

Lukmançylyk boýunça Nobel baýragy wengriýaly biohimik Katalin Kariko we amerikaly Drýu Waýsmana «COVID-19»-a garşy täsirli mRNA sanjymlaryny işläp düzmäge mümkinçilik berýän nuklein kislotasynyň esaslaryny özgertmekdäki açyşlary üçin» berildi. Baýragyň web sahypasynda iki alymyň açyşlarynyň, pandemiýa döwründe «COVID-19»-a garşy mRNA sanjymlarynyň işlenip düzülmegi üçin uly ähmiýete eýe bolandygy aýdylýar. mRNA-nyň biziň immunitetimiz bilen özara gatnaşygy baradaky düşünjäni düýpgöter özgerden düýpli açyşlary üçin alymlar «biziň döwrümiziň adam saglygyna abanýan iň uly howplarynyň birinde sanjymlaryň işlenip düzülmeginiň görlüp-eşidilmedik depginine» goşant goşdular.

### FIZIKA BAÝRAGYNA ÜÇ ALYM MYNASYP BOLDY

Nobeliň fizika baýragyna fransuz-amerikan eksperimental fizigi Pýer Agostini, asly wengriýaly Germaniýada ýaşaýan Ferens Kraus we fransuz fizigi Ann L'Ýuilýe «materiýadaky elektronlaryň dinamikasyny öwrenmek üçin ýagtylygyň impulslaryny döredýän synag usullary üçin» mynasyp görüldi.



Baýragyň web sahypasynda ýerleşdirilen beýanatda baýrak eýeleriniň atomlaryň we molekulalaryň içindäki elektron dünýäsini öwrenmek üçin adamzada täze gurallary beren synaglary üçin ykrar edilendigi aýdylýar. Pýer Agostininiň, Ferens Krausyň we Ann L'Ýuilýeniň elektronlaryň hereket edýän ýa-da energiýany üýtgedýän çalt prosesleri ölçemek üçin ulanyp boljak örän gysga ýagtylyk impulslaryny döretmegiň usulyny görkezendikleri bellendi. Alymlar tarapyndan geçirilen synaglar ýeňil impulslary gysga wagtda ölçemäge mümkinçilik berdi.

Baýraklar Şwesiýanyň Ylymlar akademiýasy tarapynda gowşurylýar.

### HIMIÝA BAÝRAGY KWANT NOKATLARY ÜÇIN BERILDI

Himiýa boýunça Nobel baýragyna asly fransuz-tunisli amerikaly Mungi Bawendi, amerikaly Luis Brýus we rus-amerikan alymy Alekseý Ekimow kwant nokatlarynyň tapylmagy we sintezi üçin mynasyp boldy.

Alekseý Ekimow we Luis Brýus biri-birinden garaşsyz kwant nokatlaryny döretmegiň hötdesinden geldiler. Mungi Bawendi bolsa, kwant nokatlarynyň himiki önümçiliginde uly özgerişlik edip, hakykatda kämil bölejikleri anyklapdyr.

Şu gün edebiýat, ertir bolsa parahatçylyk baýragynyň eýeleri belli bolar. 1968-nji ýylda Şwesiýanyň Döwlet banky tarapyndan döredilen ykdysadyýet boýunça Nobel baýragynyň eýesi 9-njy oktýabrda yglan ediler.

## Robotlar robot öndürer

Awtomatlaşdyrylan tehnologiýalar ýylsaýyn artýar. Indi iri awtoulag ýa-da senagat önümlerini öndürýän zawodlarda köp iş adamyň el güýji bilen däl-de, awtomatlaşdyrylan robot gollar arkaly amala aşyrylýar. ABŞ-da bolsa geljek ýyl iki aýakly robot işgärleriň işlejek ilkinji zawody açylar. «Agility Robotics» kompaniýasynyň «RoboFab» atly zawodynda bolsa robot öndüriler. 21 müň inedördül meýdany eýeleýän zawodda ýylda 10 müň robotyň öndüriljekdigi mälim edildi.



Golaýda «Agility Robotics» iki aýakly «Digit» atly roboty köpçülige görkezipdi. Täze zawodda hem şol robotlar zähmet çeker.

**Wepa GAÝYPOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Oktýabr aýynyň 5-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112553
Belgisi: 40/1554
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# 6-njy oktýabr – Hatyra güni

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen her ýylyň 6-njy oktýabrynda ýurdumyzda Hatyra gününiň bellenip geçilmegi täze taryhy döwürde ýaşlary watansöýüjilik, ata-baba ýörelgelerine hormat goýmak ruhunda terbiýelemäge mümkinçilik berýär.

«Geçmişi bolmadygyň, geljegi bolmaz» diýlişi ýaly, Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň, baky Bitaraplygynyň düýp esaslarynyň ata-baba arzuwyndan binýat bolandygyny aýratyn bellemek möhümdir.

Ata Watanymyzyň paýtagtynda türkmen halkynyň taryhynda müdimilik yz galdyran wakalaryň mizemez sütüni hökmünde bina edilen «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumy nesilleriň arasyndaky özara baglanyşygyň beýanydyr. «Ruhy tagzym», «Milletiň ogullary», «Baky şöhrat» ýadygärliklerine her ýylda bellenilýän Hatyra gününde ildeşlerimiz tagzym edip, Watan gahrymanlaryna özleriniň synmaz sarpasyny beýan edýärler.

Öten-geçenleri hatyralamak we olaryň ruhlaryny şat etmek halkymyzyň ençeme ýyllardan bäri dowam edip gelýän ynsanperwer ýörelgeleriniň biridir. 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Watan üçin başlaryny orta goýan mert ýigitleriň gahrymançylygy nesilleriň hakydalarynda müdimilik ýaşaýar.

1948-nji ýylyň oktýabr aýynyň 5-inden 6-syna geçilýän gijede bolup geçen Aşgabat ýertitremesi müňlerçe adamlaryň ömür tanapyny kesdi.

Hakyda geçmişi we häzirki döwri baglanyşdyryp, türkmenistanlylaryň täze nesline ynamly öňe gitmäge, halkymyzyň gahrymançylykly ýoluny dowam etdirmäge ýardam berýär. Ýadygärlikler toplumynyň öňünde ýertitremede gurban bolanlaryň hem-de söweşlerde wepat bolan esgerleriň hakydasyna ýatlama çäreleri geçirilýär.

Watan gerçeklerini ýadyňa salyp duran «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumyna sylag-sarpadan doly göwünlerimizi ýatlamalara eýläp, elimiz gülli barýarys. Olara, geçen günlere bolan hormatymyzy gülleriň üsti bilen beýan edýäris. Çünki olar eziz Watanymyzyň hatyrasyna gül ömürlerini pida etdiler. Gül ýaly durmuşymyzyň dowamat-dowam bolmagy üçin janlaryny gurban etdiler. Goý, olaryň her biriniň ýatan ýeri ýagty bolsun!



Ýurdumyzda wepat bolanlaryň hatyrasyna berilýän sadakalar we doga-dilegler kabul bolsun! Gadymy türkmen topragynda hemişe parahatçylyk we agzybirlik höküm sürsün!

**Gunça MYRADOWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

# Gahryman Arkadagymyzyň ýolunyň dowamaty

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Muny Halk Maslahatynyň mejlisinde hormatly Prezidentimiziň eden taryhy çykyşyndaky sanlar hem-de makroykdysady görkezijiler hem aýdyňlygy bilen subut edýär. Soňky ýyllarda ýurdumyzyň obadyr şäherleri düýpgöter özgerdi. Täze obalaryň, şäherleriň, şäherçeleriň gurluşygy üçin uly maýa goýumlar goýulýar.

Durnukly ykdysady ösüşi gazanmak ugrunda alnyp barylýan yzygiderli işleriň netijesinde, şu ýylyň başyndan bäri jemi içerki önümiň ösüşi 6,2 göterim derejede durnukly saklanýar. Şu ýyl önümçilik we medeni-durmuş ulgamlaryna jemi 37 milliard 400 million manat möçberinde maýa goýumlary goýmak göz öňünde tutulýar.

Häzirki döwürde ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny durmuşa geçirmek ugrunda degişli işler geçirilýär. Senagat we innowasiýa ugurly önümçilikleriň gurluşygyna aýratyn ähmiýet berilýär.

Hormatly Prezidentimiziň belläp geçişi ýaly, ýurdumyzyň döwlet býujetinden bilimi, saglygy goraýşy, medeniýeti ösdürmäge, durmuş üpjünçiligine, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygyna, döwlet hyzmatlaryna, önümçilik we durmuş-medeni maksatly desgalaryň gurluşygyna köp möçberde serişdeleri gönükdirildi. Bu serişdelerden önümçilik maksatly desgalaryň gurluşygyna maýa goýumlaryň umumy möçberiniň 56 göterimi, medeni-durmuş maksatly desgalaryň gurluşygy üçin hem 44 göterimi goýberildi. Şu ýyl göz öňünde tutulan 2 müň 688 iş ornunyň ýerine 7 müň 607 täze iş ýeri döredildi.

Ulag ýollarynyň çatrygynda ýerleşýän ýurdumyzda ulag pudagynyň kuwwatyny has-da belende galdyrmak ugrunda köp möçberde serişdeler gönükdirilýär. Muňa mysal edip, Türkmenbaşy-Farap we Aşgabat-Daşoguz awtomobil ýollarynyň, Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän köpriniň gurluşygynda bahasy 545 million 55 müň manada deň bo-



lan düýpli maýa goýumlaryň özleşdirilýändigini bellemek bolar. Bu ugurdaky netijeli işleriň saýasynda ýakyn onýyllyklarda Türkmenistan Ýewraziýada ulag we energetika ulgamlarynyň geçýän esasy ýurtlarynyň birine öwrüler.

Ýurdumyzyň obasenagat toplumy çalt depginler bilen ösýär. Şu ýyl pudakda 1 milliard 600 million manat möçberinde düýpli maýa goýumlar özleşdiriler. Häzirki döwürde ähli hojalyklarda gara mallaryň baş sany 2 million 530 müňe, dowarlaryň sany 20 million 88 müňe, guşlaryň sany 21 million 957 müňe, düýeleriň sany hem 141 müňe ýetirildi. Bu görkezijiler ýurdumyzda azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, halkyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmak ugrunda edilýän tagallalaryň bir mysaly bolup hyzmat edýär.

Ýurdumyzyň ýeňil senagatyny ösdürmek, gaýtadan işleýän senagaty döwrebaplaşdyrmak, dokma önümlerini öndürýän iri döwletleriň arasynda Türkmenistanyň ornuny berkitmek boýunça köp işler amala aşyrylýar. Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabyndaky gön zawodynyň önümçilik kuwwatyny ýokarlandyrmak boýunça zerur işleri geçirmek göz öňünde tutulýar. Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynda täze, häzirki zaman dokma toplumyny gurmak hem meýilleşdirilýär.

Saglygy goraýyş ulgamy depginli ösdürilip, halkymyza dünýä ölçeglerine laýyk gelýän lukmançylyk hyzmatlary edilýär. Şu ýyl bu ulgama Döwlet býujetinden 2 milliard 900 million manat möçberinde maliýe serişdeleri goýberildi. Saglygy goraýyş desgalarynyň gurluşygy üçin 1 milliard 900 million manat maýa goýum serişdesi gönükdirildi. Ýokarda agzalyp geçilýän sanlar we makroykdysady görkezijiler Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Gahryman Prezidentimiziň ýurdumyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmek ugrunda alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriniň aýdyň netijesidir.

«Watan diňe halky bilen Watandyr!» diýen parasatly jümläni özüne ýol-ýörelge edinen Gahryman Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, mertebesi belent bolsun!

**Gunça BABAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

# Sanly bilim ulgamy – döwrüň talaby

**Türkmenistanda jemgyýetimiziň geljegi bolan ýaşlara ähli taraplaýyn goldaw bermek, hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Ýurdumyzyň bilim ulgamyna sanly serişdeleriň ornaşdyrylmagy, döwrebap bilim portalynyň herekete girizilmegi bilim işgärleriniň mümkinçiliklerini has-da artdyrdy. Ýurdumyzda sanly ulgamy ösdürmegiň maksatlarynyň bilim edaralarynyň işiniň kämilleşdirilmegine gönükdirilmeginiň, olaryň ýokary hilli elektron maglumatlar bilen üpjün edilmeginiň täze tehnologiýalardan peýdalanylmagynyň esaslary «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» esasynda dolandyrylýar.**



**Häzirki wagtda bilim edaralaryna maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary giňden ornaşdyrylýar. Bu tehnologiýalaryň ulanylmagynyň işjeňleşdirilmegi bilimiň hilini ýokarlandyrmaga we berilýän bilimleri yzygiderli berkitmäge ýardam edýär. Bilim edaralarynda elektron bilimi ýola goýmak we uzak aralykdan bilim tehnologiýalaryny peýdalanmak ösüşiň täze basgançagyna çykylmagyny üpjün edýär.**

**Bilim edaralary ýokary tizlikli, giň zolakly tor aragatnaşygy bilen üpjün edilip, ýokary hilli bilim hyzmatlaryny almak üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Şeýle-de, bilim bermegiň döwrebap usullarynyň biri bolan uzak aralykdan bilim almak görnüşiniň raýatlaryň bilim we hünär derejesini ýokarlandyrmaga ýardam berýändigini aýratyn bellemek gerek. Bularyň hemmesi, öz gezeginde, sanly maglumat jemgyýetindäki durmuşa uýgunlaşan şahsyýetiň kemala gelmeginde uly ähmiýete eýedir.**

**Sanly bilim ulgamy döwrüň talabydyr. «Bilim bermekde sanly tehnologiýalar giňden ulanylyp, uzak aralykdan okatmak we maglumatlary alyşmak işleri amala aşyrylar» diýip, Arkadagly Serdarymyz nygtaýar. Ylmyň we tehnikanyň gazananlaryndan, dünýäniň öňdebaryjy tejribelerinden netijeli peýdalanylmagy esasynda milli bilimiň ýokary derejesiniň üpjün edilmegi berkarar Watanymyzyň hemmetaraplaýyn ösmegine, ykdysady taýdan dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryndaky ornuny pugtalandyrmagyna şert döredýär.**

**Watansöýüjiligiň belent nusgasyny görkezýän hormatly Prezidentimiziň şahsy göreldesine eýerip, çekýän netijeli zähmetimiziň uly ösüşlere beslenýän ata Watanymyzyň daýanjydygyny duýup ýaşamak her birimiz üçin uly bagtdyr.**

**Maral MUHAMMETNIÝAZOWA,**
***Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.***

# Bilim – ösüşleriň şamçyragy

**Garaşsyz ýurdumyzda ähli ulgamlar bilen bir hatarda ylym-bilim hem ösdürilýär, täze mümkinçilikler üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýar, bilim özgertmeleri barha rowaçlanýar, ýaşlaryň döwrebap bilimleri özleşdirmeklerine giň mümkinçilik döredilýär. Şeýle beýik işleriň netijesinde halk hojalygynyň dürli pudaklarynda zähmet çekjek ýokary bilimli ussat hünärmenler ýetişdirilýär. Şu täze okuw ýylynyň başynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçen umumy sapagy taryhy waka boldy. Munuň özi diňe bir ýaşlar üçin däl, eýsem, biziň her birimiz üçin ýol-ýörelgedir. Çünki ýurdumyzyň Garaşsyzlygy, Watanymyzyň ösüşleri hakynda parasatly sözleriň beýan edilmegi çuňňur many-mazmuna eýe bolýar.**

**Häzirki wagtda ýurdumyzyň bilim ulgamy döwrüň talabyna laýyklykda ösýär, özgerýär. Ähli ulgamlar bilen bir hatarda bilim ulgamynyň işgärleriniň öňünde ylymly-bilimli, Watana, halka wepaly, giň gözýetimli ýaşlary terbiýelemek, häzirki zaman innowasion tehnologiýalaryndan oňat baş çykarýan, başarjaň hünärmenleri taýýarlamakda has ýokary netijeleri gazanmak, bäsleşige ukyply şahsyýeti kemala getirmek wezipeleri esasy ugur bolup durýar. Şonuň üçin hem bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn we okuw-ylmy binýadynyň döwrebaplaşdyrylmagyna, şeýle-de bilim işgärleriniň zähmet, durmuş taýdan goldanylmagyna aýratyn üns berilýär. Şonuň netijesinde ýurdumyzyň bilim ulgamyny dünýä ölçeglerine laýyk ösdürmek, giň gözýetimli, döwrüň ösen tehnologiýalaryna höwesli, innowasiýalara esaslanýan zehinli ýaşlary kemala getirmek hem-de ýokary medeniýetli, arassa ahlakly nesli terbiýelemek üçin giň mümkinçilikler döredildi. Bu bolsa röwşen geljegimiz bolan bagtyýar ýaşlaryň bilimiň döwrebap ugurlaryny özleşdirmekle-**



**rine giň mümkinçiliklerdir.**

**Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan bilim özgertmeleriniň netijesinde, ýokary okuw mekdepleriniň ençemesi döredildi, ozal bar bolanlarynyň täze binalary guruldy, talyp orunlary artdyryldy.**

**Ýurdumyz taryhy wakalara beslenýär, belent maksatlar rowaçlanýar. Muňa sentýabr aýynda täze bilim edaralarynyň açylyp ulanmaga berilmegini mysal getirmek bolar. Ýokary okuw mekdepleriniň birbada üçüsiniň – Aşgabatda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Türkmenabat şäherinde Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlarynyň, Mary şäherinde Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň çäginde goşmaça okuw binasynyň hem-de beýleki desgalaryň düýbüniň tutulmagy, Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň, Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň, Saçly Dursunowa adyndaky Arkadag şäher lukmançylyk orta hünär okuw mekdebiniň dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berilmegi buýsançly wakalardyr. Diýarymyzda şanly wakalar türkmen halkynyň täze eýýamynyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazyldy we tutuş ýurdumyzda baýramçylyk joşgunyny emele getirdi.**

**Ýaş nesli milli we umumadamzat gymmatlyklary esasynda terbiýelemek durmuşa geçirilýän özgertmeler syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, jemgyýetimiziň we döwletimiziň mundan beýläk-de ösmegi üçin binýatlaýyn esas hökmünde garalýan milli bilim ulgamyny kämilleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär.**

**Ýurdumyzyň bilim ulgamyny depginli ösdürmekde uly tagallalar edýän türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, alyp barýan beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!**

**Dildara GENJIÝEWA,**
***Türkmenabat şäherindäki daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 7-nji orta mekdebiň himiýa mugallymy.***

# Nebitgaz pudagynyň batly gadamlary

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Türkmenistan dünýä döwletleriniň arasynda özüniň ýangyja we elektrik energiýasyna bolan isleglerini öz hususy baýlyklary bilen doly kanagatlandyrýan hem-de onuň ep-esli bölegini daşary ýurtlara çykarýan ýurt hökmünde tanalýar. Biziň ýurdumyz milli we umumadamzat bähbitlerine özüniň ägirt uly energetika mümkinçiligini netijeli peýdalanmaga örän jogapkärli çemeleşmäge ygrarly bolup galýar hem-de bu ugurda anyk ädimleri ädýär. «Mawy ýangyjyň» gorlary boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýän Türkmenistanyň energetika strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri tebigy gazy dünýä bazarlaryna ibermegi diwersifikasiýalaşdyrmakdan ybaratdyr.

Soňky ýyllarda döwrebap senagat toplumlary bolan Gyýanlydaky polimer zawody, Ahal welaýatynda tebigy gazy gaýtadan işläp, benzin öndürýän zawod we beýleki kärhanalar guruldy. Milli ykdysadyýetimiziň dünýä bazarlaryndaky ornuny pugtalandyrmak bilen, daşary ýurt pulunda goşmaça girdejileriň gelip gowuşmagy hem üpjün edildi. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň welaýatlarynda täze gazhimiýa toplumlaryny gurmak meýilleşdirilýär. Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygy dowam edýär. Bu energiýa köprüsi tebigy gazymyzyň Günorta Aziýanyň iri ýurtlaryna uzak möhletleýin ugradylmagyny üpjün etmek bilen, işewür hyzmatdaşlygyň, parahatçylygyň berkemegi üçin kuwwatly itergi bolar.

Şu ýylyň 28-29-njy sentýabrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygyndaky Hökümet wekiliýetiniň Germaniýa Federatiw Respublikasynda birnäçe möhüm duşuşyklary geçirendiklerini bellemek gerek. Olaryň gün tertibine dürli ulgamlarda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ileri tutulýan meseleleri girizildi. Energetika ulgamynda netijeli hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşylan esasy meseleleriň biri boldy. Gepleşikleriň ýene-de bir meselesi ýangyç-energetika ulgamynda, hususan-da, özara gatnaşyklaryň uly tejribesine eýe bolan gaz pudagynda netijeli hyzmatdaşlygyň geljegi bilen bagly boldy.

Halk Maslahatynyň Başlygy Hazar deňziniň ýalpaklygyny özleşdirmegiň wajypdygyny, bu ugurda iri german kompaniýalary, hususan-da, «Wintershall» we RWE kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesiniň toplanandygyny belläp, Türkmenistanyň germaniýaly hyzmatdaşlaryň anyk tekliplerine garamaga we bu kompaniýalaryň netijeli işlemekleri üçin ähli zerur şertleri döretmäge taýýardygyny aýtdy. Türkmen halkynyň Milli Lideri Hazarüsti gaz geçirijisiniň ähmiýetine ünsi çekip, ýurdumyzyň bu taslama ygrarlydygyny hem-de Ýewropa Komissiýasynyň degişli düzümleri, aýry-aýry Ýewropa döwletleri bilen bu mesele boýunça dialogy täzeden ýola goýmaga meýillidigini tassyklady. Duşuşykda Türkmenistanda metan zyňyndylaryny azaltmak hem-de wodorod öndürmek babatda hyzmatdaşlyga aýratyn üns berildi. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň iýul aýynda kabul edilen GFR-iň Milli wodorod strategiýasyny hasaba almak bilen, özara hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri barada pikir alşyldy.

Nebitgaz ulgamy Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň hem esasy ulgamlarynyň biridir. Bu ulgamda eýýäm iri tas-



lamalaryň birnäçesi amala aşyryldy. 2009-njy ýylyň ahyrynda Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisiniň ulanmaga berilmegi munuň subutnamasydyr. Häzirki wagtda bu gaz geçiriji HHR-e türkmen «mawy ýangyjynyň» uzak möhletleýin esasda iberilmegini üpjün edýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan energetika diplomatiýasyny daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwürdi. Ýurdumyz energiýa serişdeleriniň baý gorlaryna eýe bolmak bilen, Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda energetika ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge saldamly goşant goşýar we bu ugurda möhüm başlangyçlary yzygiderli öňe sürýär.

Ýurdumyzyň ykdysady ösüşlerine saldamly goşant goşýan nebitgaz ulgamyny mundan beýläk hem ösdürmäge uly üns berýän, halk bähbitli, halkara ähmiýetli işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun!

**Tagandurdy BERDIÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

# Magtymguly Pyragy – adamzat kalbynyň şahyry

Gündogar edebiýatynda öçmejek yz goýan, poeziýa äleminde ady altyn harplar bilen ýazylan beýik akyldaryň biri hem Magtymguly Pyragydyr. Onuň bize galdyran döredijiliginiň gymmatyna diňe şahyr hökmünde garalsa bärden gaýdyldygy bolar. Ol diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, dünýäniň pelsepewi pikirlerini ösdüren, çeperçilik aňyny nurlandyran, dünýewi durmuşy çeper şöhlelendiren akyldar şahyrdyr. Oňa şygryýet dünýäsiniň täjini başyna geýen hökümdar diýsek hem ýalňyşmarys.

Magtymgulynyň ady, onuň şahyrana owazy öz döwründe we şondan soňraky ýyllarda, aýratynam Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň ýokary derejedäki umumy döwlet syýasatynyň netijesinde, ýedi yklyma ýaýbaňlanýan ýaň bolup, älem-jahana ýaýrady. Bu adyň we bu owazyň özboluşly, iňňän gymmatly tarapy onuň ýeke-täk bir şahsyýetiň mertebesini aňlatman, eýsem, tutuş bir milletiň - türkmeniň at-owazasyny, abraýyny tug kimin belende galdyrandygy bilen häsiýetlendi. Şahyryň mertebesi, onuň türkmeniň taryhyndaky, jemgyýetçilik-syýasy, medeni-edebi durmuşyndaky orny müdimidir.

Magtymguly türkmeniň kalbyna iň beýik ynanç, aňyna bolsa durmuşyň ýagşysyny-ýamanyny hatasyz seljerýän mähek daşy, göreçlerine öçmejek nur bolup çaýyldy. Batyrlygyň, adamkärçiligiň, azatlygyň, zähmetsöýerligiň, halallygyň, watanperwerligiň, parasatlylygyň, kiçigöwünliligiň, kanagatlylygyň, oňşuklylygyň, myhmansöýerligiň, umytlylygyň we adama mahsus gaýry birnäçe oňat häsiýetleriň hemmesini özünde jemleýän türkmeniň hakyky bitewi keşbi häli-häzirem Magtymgulynyň döredijiligindäki ýaly derejede doly we her taraply, çeper we çuňňur, adamzat kalbynyň içinden eriş-argaç bolup geçişi ýaly ähli döwürleriň durmuş hakykatyna laýyk gelýän röwüşlerde şekillendirilen däldir.

Akyldar şahyr diňe bir öz döwründe däl-de, häzirki döwrümizde hem tutuş adamzat jemgyýetini özgerdiji, terbiýeleýji güýç bolup durýar. Beýik akyldaryň şygyrlary ynsan kalbynyň ruhy lukmany bolup, daşyň ýüzüne iňňe bilen oýup ýazylan ýaly, her bir adamyň ýürek töründe orun aldy.

Akyldar şahyryň asyrlaryň jümmüşinden ýol ýasap, häzirki günlerimize gelip ýeten şygyrlarynyň aglaba bölegi bolsa edep-terbiýeçilik, watançylyk, temasyndadyr. Beýik akyldaryň watançylyk goşgularynda watançylyk duýgusynyň inçe we ýiti beýan edilmegi hakyky taryhy mazmuna eýedir. «Türkmeniň» goşgusynda «Jeýhun bilen Bahry-hazar arasy» diýip, bir setirde türkmen kartasyny suratlandyrmagy hem munuň aýdyň subutnamasydyr.

Magtymguly Pyragynyň esasy öňe süren maksady bolsa türkmeniň bir bitewüligini gazanmak, jebis bir döwleti gurmak bolupdyr. Ol bütin ömründe berkarar döwletiň arzuwynda gezipdir. Muňa şahyryň «Türkmeniň», «Gürgeniň», «Türkmen binasy», «Istärin» ýaly goşgularyny mysal getirmek bolar.

*Pyragy yşka ugraşdym,*
*Derýa girdim, möwje düşdüm,*
*Hor galmasyn puştdan-puşdum*
*Berkarar döwlet islärin.*

Häzirki wagtda bolsa şahyryň goşgularynyň köpüsi halk aýdymlaryna öwrüldi, şol goşgy setirleri adaty adamlaryň durmuşyna pugta ornaşan hem bolsa ganatly sözlere we nakyllara öwrülip galypdyr. Magtymguly Pyragy birnäçe şahyrlaryň gaýybana halypasy bolup, döredijilik ýolunda uly görelde mekdebine öwrüldi.

*Nakyla öwrülen sözleň asaldyr,*
*Şanyň ýitmez geçse geçsin asyrlar,*
*Ýoluna çyraglandy bu gün nesilleň,*
*Paýhas mekdebiňe uýup Pyragym.*

Öz halkyny söýen şahsyýet beýleki halklary hem söýmäge ukyplydyr, öz mertebesini saklap bilen adam ähli adamlaryň mertebesini hem belende göterip biler. Şahyryň öz döwründe dünýä, ynsan, ýaşaýyş baradaky halka ýaýran oňyn pelsepewi garaýyşlary, jemgyýetiň, adamlaryň ruhy kämilligi baradaky eden wesýetleri öz halkyna bolan çäksiz söýgüsiniň netijesidir. Magtymguly döwürdeşlerini, halka adalatly jemgyýetiň, bagtly ýaşaýyşyň gözbaşynyň nämedigine göz ýetirmäge, bolup geçýän zatlaryň düýp mazmunyna düşünmäge çagyrdy. Adamlary paýhaslanmaga, özüne düşünmäge, millet hökmünde özüni tanamaga ugrukdyrdy. Öz iliniň asuda, parahat durmuşda ýaşamagyny, ylymly-bilimli bolmagyny, medeniýetiniň beýgelmegini arzuwlan beýik şahyr halkyna pähim-parasatdan we şirin duýgulardan püre-pür bolan ajaýyp şygyrlar hazynasyny miras galdyrdy. Bu ajaýyp şygyrlardaky ýugrumy ýeten, sagdyn pikirler diňe bir türkmen halkynyň geljegi üçin däl, eýsem, bütin adamzadyň durmuşy we ruhy zerurlyklary üçin hem mynasyp ýol-ýörelge boldy. Hut şonuň üçin hem şahyryň şygyrlar dünýäsiniň gymmaty milli çäklerden çykyp, dünýä edebiýatynyň medeni gymmatlyklaryna, adamzat paýhasynyň genji-hazynasyna öwrüldi. Magtymgulynyň döredijiligi bu gün diňe türkmen halkyna däl, eýsem, tutuş adamzada ruhy lezzet berýär. Şonuň bilen birlikde, şahyryň döredijiligi durmuş bilen baglanyşykly meseleler babatda oýlandyrýan döredijilikdir.

Magtymguly Gündogar edebiýatynda «san bolsam» diýip arzuw edipdir, emma ol bu günki gün Gündogar edebiýatynda san däl-de, onuň sahyby boldy, hany-soltany boldy. Gahryman Arkadagymyz «Magtymguly Pyragy çuň mazmunly ajaýyp şygarlary bilen türkmen we dünýä edebiýatynyň baý hazynasyna uly goşant goşan beýik akyldardyr. Gündogaryň Firdöwsi, Rumy, Nyzamy, Fizuly, Rudaky, Nowaýy ýaly edebiýat äleminiň ägirtleriniň hatarynda mynasyp orun alan Magtymguly Pyragynyň pähim-paýhasa ýugrulan şygryýeti tutuş adamzat üçin gymmatly ynsanperwerlik ýörelgeleriniň dünýäsidir» diýip belleýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» goşgusynda şeýle setirler bar.

***Üç asyryň dowamynda geçen ýoly uludyr,***
***Halkynyň hem adamzadyň sadyk-sytdyh guludyr,***
***Hemişe we hemme ýerde şol bir Magtymguludyr,***
***Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.***

Onuň Alyjenaby Magtymguly Pyragy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri Magtymguly Pyragynyň bütin ömrüniň dowamynda arzuwlan döwrüdir. Şahyryň özbaşdak döwlet baradaky gymmatly ündewleri, ýörelgeleri biziň şu günki bagtyýarlyk döwrümiziň syýasatynyň esaslaryny düzýär. Häzirki döwürde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň yhlasy bilen şahyryň abraý-mertebesi has-da artyp, onuň eserleri dürli daşary ýurt dillerine terjime edildi. Magtymguly Pyragy adamzat kalbynyň beýik akyldar şahyryna öwrüldi.

**Gülşat AKYÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň buhgalterçilik hasaba alnyşy kafedrasynyň müdiri t.y.k., uly mugallym.*
**Ymamguly REJEPOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň buhgalterçilik hasaba alnyşy kafedrasynyň mugallymy.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ HABARLARY
gysga setirlerde



**Wiza düzgünini ýatyrmakçy.** Eýranyň medeni miras, syýahatçylyk we senetçilik ministri Ezatolla Zargami goňşy ýurtlar bilen wiza düzgünini ýatyrmagyň üstünde işleňýändigini mälim etdi. Ol soňky iki ýylda ýurda gelýän syýahatçylaryň, pandemiýadan öňki ýyl bilen deňeşdirilende, 38% köpelendigi barada habar berdi.



**ÝUNESKO-nyň sanawyna goşuldy.** Palestinadaky Iýerihon şäheriniň harabalyklary ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Injilde hem agzalýan Iýerihon dünýäniň iň gadymy şäherleriniň biri hasaplanýar, onda miladydan öňki IX müň ýyllykda ýaşaýyş bolupdyr.



**Uly çykdajy talap edýär.** Institusional maýadarlar topary öňdebaryjy ýurtlary klimaty halas etmek we 2050-nji ýyla çenli «ýaşyl» energiýa geçmek üçin 275 trillion dollar bolan maýa goýumlaryny çekmäge çagyrdy. Bu topar häzir 11 trillion dollara eýelik edýär. Bu bolsa, ekologiýa maksatlaryna ýetmek üçin zerur bolan serişdelerden 25 esse azdyr.



**Toprakly konteýneri açdylar.** NASA-nyň alymlary üç ýyl öň, OSIRIS-REx enjamynyň kömegi bilen Bennu asteroidinden alnan topragyň nusgalaryny saklaýan kapsulany açdylar. Kapsula 27-nji sentýabrda Ýere gondy. Topragyň 70%-i indiki barlaglar üçin ýygnalyp goýlar. Nusgalygyň 30%-iniň birnäçe barlaghanalara beriljekdigi habar berilýär.



**Garantgalaryň festiwaly geçirildi.** Britaniýada her ýylky garantgalaryň festiwaly geçirildi. Çärede içine saman dykylan garantgalaryň 104-si hödürlendi. Festiwal günbatar Britaniýanyň Seýnt-Piters diýen ýerinde geçirilip, oňa daýhanlaryň ýüzlerçesi gatnaşdy. 1996-njy ýyldan bäri geçirilýän festiwala 10 müň adam gelip gördi.



**Žiraflara GPS nawigator dakyldy.** Keniýanyň goraghanasynda saklanýan žiraflaryň 25-sine GPS nawigatorlar dakyldy. Bu çäre žiraflaryň ýaşaýan çäklerini öwrenmek üçin durmuşa geçirilýär. Maglumatlar süýdemdirijileri gorap saklamaga ýardam berer. Sebäbi 90-njy ýyllaryň ortalaryndan bäri žiraflaryň sany 80%-e golaý azaldy.



**Agramyny çekip başladylar.** Tailandyň «Bangkok Airways» awiakompaniýasy ýolagçylaryň agramyny el ýüki bilen birlikde çekip başlady. Bu çäre ýolagçylaryň umumy agramynyň uçuş agramynyň iň ýokary derejesinden geçmeýändigini anyklamak üçin ýola goýuldy. Kompaniýa ýolagçylaryň agramyny 31-nji oktýabra çenli çeker.



**Ýürek keselleriniň öňüni alýar.** ABŞ-daky Tuleýn uniwersitetiniň alymlary her gün 50 basgançakdan ýokary galmak ýürek-damar keselleriniň döremek howpuny 20% azaldýar diýip çykyş etdiler. Ylmy barlaglaryň netijeleri «Atherosclerosis» žurnalynda çap edildi.



**Kolumbyň haty auksionda.** Hristofor Kolumbyň (1451-1506) ispan patyşasynyň gaznaçysy Gabriel Sançese geografik açyşy barada ýazan haty onlaýn auksionda satylar. Taryhy resminamanyň «Christie's» auksion öýüniň web sahypasyndaky bahasy 1-1,5 million dollar. Onlaýn auksion 5-19-njy oktýabr aralygynda geçirilýär.



**LG-niň täze noutbugy.** Koreýa Respublikasynyň LG kompaniýasy çeýe ekranly ilkinji gibrid noutbugyny satyp başlady. «Gram Fold» atly enjam 2560x1920 piksel durulykdaky 17 dýuýmlyk OLED ekranyna eýe bolup, ol eplenende 12 dýuým diagonally ekrana öwrülýär.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1948-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda Şweýsariýanyň Gland şäherinde merkezi bolan Tebigaty goramak boýunça halkara bileleşigi esaslandyrylýar. Häzir bu gurama Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşik (International Union for Conservation of Nature, IUCN) diýlip atlandyrylýar.**



## MALDIWLERIŇ TÄZE PREZIDENTI

**30-njy sentýabrda Maldiw adalarynda geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda Male şäheriniň häkimi Mohamed Muizzu ýeňiş gazandy. Saýlawlaryň ikinji tapgyrynda Muizzu we häzirki Prezident Ibragim Mohamed Solih döwlet Baştutany wezipesine dalaş etdiler. Bu ses berişlikde Muizzu 53,8%, Solih bolsa, 46,27% sese eýe boldy. Umuman alanyňda, saýlawlarda 241 müňden gowrak adam ses berip, gatnaşyk 85%-den geçdi.**

**Solihiň Hindistan bilen ýakynlaşmak syýasatyny öňe sürendigi, Muizzunyň bolsa Hytaý bilen gatnaşyklary pugtalandyrmagyň tarapdarydygy barada ýerli habar beriş serişdeleri ýazdylar.**

**Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyry 10-njy sentýabrda geçirilip, esasy dalaşgärleriň hiç biri-de 50% ses alyp bilmändi.**

**Maldiwlerde häzirki Prezident saýlawlary 2008-nji ýylda ýurduň Konstitusiýasyna ähliхalk ses berişligi barada üýtgetmeler girizileninden soň**



**bäşinji gezek geçirilýär. Ondan öň döwlet Baştutany parlament agzalary tarapyndan gizlin ses bermek arkaly saýlanýardy.**

## RESPUBLIKAÇYLARYŇ SAÝLAWDAN ÖŇKI DUŞUŞYGY

Kaliforniýanyň Ronald Reýgan adyndaky kitaphanasynda respublikaçylaryň arasynda ikinji saýlaw çekişmeleri geçirildi. Dalaşgärlige hödürlenýän ýedi dalaşgär, esasan hem, migrasiýa syýasaty we dünýäde emele gelen käbir çylşyrymly ýagdaýlar barada özara maslahat geçirdiler.

Maslahatda Florida ştatynyň gubernatory Ron Desantis, ABŞ-nyň BMG-däki öňki ilçisi Nikki Heýli, senator Tim Skott, işewür Wiwek Ramaswam, öňki wise-prezident Maýk Pens, Nýu-Jersiniň öňki gubernatory Kris Kristi we Demirgazyk Dakota ştatynyň gubernatory Dug Burgum çykyş etdiler. Amerikanyň Birleşen




Ştatlarynyň ozalky Prezidenti Donald Tramp, çekişmä gatnaşmandygyna garamazdan, esasy şahsyýet hökmünde öňe saýlandy.

Respublikaçylaryň birinji saýlaw çekişmesi awgust aýynda Wiskonsin ştatynyň Miluoki şäherinde geçirilip, Donald Tramp oňa hem gatnaşmandy. Soňky pikir soralyşyklara görä, Tramp Respublikan saýlawçylaryň 58%-i tarapyndan goldanýar.

ABŞ-nyň Wekiller palatasynyň öňki başlygy Kewin Makkarti CBS teleýaýlymyna beren interwýusynda Respublikan partiýanyň 2024-nji ýylda geçiriljek Prezident saýlawlaryna ABŞ-nyň öňki Prezidenti Donald Trampy hödürlejekdigini aýtdy.

## Ekologik ulaglara geçiler

Indoneziýanyň täze paýtagty Nusantarada ekologiýa taýdan arassa ulaglardan beýleki dizel bilen işleýän ähli ulag serişdeleri gadagan ediler. Bu barada şäher häkimligi habar berdi.

– Hemme zat ekologiýa taýdan arassa we «ýaşyl» bolmaly, esasan hem, täze paýtagt Nusantarada ýangyç serişdelerini ulanýan ulaglar bolmaly däldir. Biziň hemmämiz ekologiýa taýdan arassa ulaglary ulanmalydyrys – diýip, Antara agentligi şäher häkimi Bambang Susantononyň sözlerine salgylandy.

Ol ekologiýa taýdan arassa ulaglar baradaky karara, esasan, zyýanly zyňyndylary azaldyp biljek elektrik, wodorod we beýlekiler bilen işleýän ulag serişdeleriniň girýändigini sözüniň üstüne goşdy.




Indoneziýanyň Prezidenti Joko Widodo 2019-njy ýylda paýtagty Jakartadan göçürmek meýilnamasy barada yglan edipdi. Ilki megapolisiň 2024-nji ýyla çenli Kalimantan adasynda gurulmagy meýilleşdirilýärdi. Bu maksatlar üçin, takmynan, 32 milliard dollar bölünip berildi, ýöne koronawirus pandemiýasy sebäpli taslama togtadyldy. Ýanwar aýynyň ortalarynda döwlet Baştutany täze paýtagtyň Nusantara diýlip atlandyryljakdygyny mälim etdi.

## Emeli aň 2,4 million iş ornuny eýelär

ABŞ-nyň ylmy-barlag kompaniýasy «Forrester»-iň bilermenleriniň çaklamalaryna görä, 2030-njy ýyla çenli emeli aň ABŞ-da 2,4 million iş ornuny eýelär, esasan hem, akyl zähmetiniň dürli görnüşleri bilen meşgullanýan edara işgärleri kyn ýagdaýda galarlar. Şol bir wagtyň özünde emeli aň 11 million iş ýerine belli bir derejede täsirini ýetirer. Şeýlelikde, generatiw emeli aň diňe şu onýyllygyň ahyryna çenli ABŞ-da 2 milliondan gowrak iş ornuny eýelär.

Umuman alanyňda, awtomatlaşdyryş we emeli aň ulgamlary 2030-njy ýyla çenli ABŞ-daky iş



ýerleriniň 4,9%-ini eýeläp, şolaryň 30%-i emeli aňyň generatiw ulgamlary bolar. Eýýäm şu ýyl şeýle emeli aň, takmynan, 90 müň iş ornuny eýeläp, dürli görnüşdäki awtomatlaşdyryş ulgamlary tarapyndan eýelenen iş ýerleriniň 9,3%-ini emele getirdi.

Bilermenler işgäriň bilim derejesi näçe ýokary bolsa, generatiw emeli aňyň onuň işine şonça köp täsir etjekdigini belleýärler. Aýlyklar babatynda hem şuňa meňzeş ýagdaýlary görmek bolar: ýyllyk gazanjy 60 müň dollardan az bolan işçilere ýylda 90 müň dollar ýa-da ondan hem köp gazanýanlara garanyňda, az zeper ýeter.

## Ýaponiýanyň iň beýik binasy gurlar

Tokioda Ýaponiýanyň iň beýik binasy boljak gökdiräniň gurluşygyna başlandy. Bu barada «Mitsubishi Estate» kompaniýasynyň taslamasynyň operatory mälim etdi.

Gurluşyk işleri paýtagtyň merkezindäki demir ýol menziliniň ýanynda başlandy. «Torch Tower» atly gökdiräniň beýikliginiň, takmynan, 390 metre deň bolup, gurluşyk işleriniň 2028-nji ýylyň martynda tamamlanmagyna garaşylýar. Şeýlelik bilen, täze bina bu ugurdaky rekordyň häzirki eýesinden – Tokiodaky beýikligi 330 metr bolan «Azabudai Hills» binasyndan öňe geçip, ýurtdaky iň beýik gökdirän bolar.



Görnüşi we dizaýny boýunça täze gökdirän adyndan belli bolşy ýaly, (iňlis dilinde «torch» alaw, fonar diýmegi aňladýar) alawa meňzeýär. Bu gökdiräniň ýokarky gatlary has-da ýagty saçyp, ýanyp duran alawy ýadyňa salar.

## Afroditanyň ybadathanasy tapyldy

**Müsüriň we Fransiýanyň arheologlary Müsüriň Aleksandriýa şäheriniň kenarýakasyndaky suwuň düýbünden gadymy grek hudaýy Afroditanyň ybadathanasyny tapdylar.**

**Bu ybadathana Abu-Kir aýlagynda suwuň astyndaky gadymy Geraklion şäherinde geçirilen gazuw-agtaryş işleri wagtynda tapyldy. Ybadathana miladydan öňki V asyr bilen senelenýär diýip, Müsüriň Syýahatçylyk we gadymyýet ministrligi habar berýär. Ybadathananyň içinden Gresiýadan getirilen bürünçden we keramikadan ýasalan zatlar ýüze çykaryldy.**

**Geraklion şäheri miladydan öňki VIII asyrda gurlup, 331-nji ýylda Aleksandriýa gurulýança iň uly söwda merkezi we Gadymy Müsüriň porty bolup hyzmat edipdir. Şäher, takmynan, 1200 ýyl ozal suwuň aşagynda ga-**



**lypdyr. Onuň harabalyklary 45 metre çenli dürli çuňluklarda ýerleşýär. Geraklion 2000-nji ýylda arheologlar tarapyndan açylandan soň suwasty muzeý hasaplanýar.**

## Öňki Premýer-ministriň partiýasy ýeňiş gazandy

30-njy sentýabrda Slowakiýanyň öňki Premýer-ministri Robert Fisonyň ýolbaşçylygyndaky «Sosial demokratiýa ugry» partiýasy Respublikanyň Milli geňeşine (bir palataly) geçirilen saýlawlarda ýeňiş gazandy. Saýlawlarda ýeňiş gazanan partiýa saýlawçylaryň 23,42%-iniň goldawyna eýe boldy.

Ikinji orny 16,75% ses alyp, «Öňde baryjy Slowakiýa» liberal hereketi eýeleýär. Üçünji orny öňki hökümet Baştutany Peter Pellegrininiň ýolbaşçylygyndaky «Ses – Sosial demokratiýa» partiýasy eýeledi. Dalaşgärleri saýlawçylaryň 15,7%-i goldady. Slowakiýanyň syýasatçylary iki sany sosial-demokratik partiýa tarapyndan täze hökümet koalisiýasynyň dörediljekdigini çaklaýarlar.

Maglumatlara görä, ýedi syýasy güýç Milli Geňeşiň düzümine girer. Şeýle hem olaryň hatarynda öňki Premýer-ministr Igor Matowiçiň ýolbaşçylygyndaky «Adaty adamlar we dostlar» liberal partiýalarynyň koa-



lisiýasy (9,7%), Hristian-demokratik hereketi (6,93%), «Erkinlik we raýdaşlyk» liberal partiýasy (6,8%) we Slowakiýanyň Milli partiýasy (5,69%) bar. 5 million 449 müňden gowrak ilaty bolan ýurtdaky 4,3 million saýlawçynyň 67,9%-i ses bermäge gatnaşdy.

Slowakiýanyň Prezidenti Suzana Çaputowa saýlawlarda ýeňiş gazanan partiýanyň ýolbaşçysyna hökümet gurmagy tabşyrjakdygyny aýtdy. Respublikanyň häzirki Premýer-ministri Lýudowit Odor hem ýakyn günlerde Ministrler Kabinetiniň düzülmegine garaşýandygyny belledi.

Iki möhletde Slowakiýanyň Premýer-ministri bolup işlän Fiso diňe ýurduň bähbidi üçin işleýändigini belläp, Sosial-demokratlaryň Bratislawanyň Ýewropa Bileleşigine agzalygyny makullaýandygyny aýtdy. Şeýle hem Slowakiýanyň metbugaty «Sosial demokratiýa ugry» partiýasynyň häkimiýete gaýdyp gelmeginiň Slowakiýanyň syýasatynda düýpli üýtgeşmelere sebäp bolup biljekdigi barada habar berdi.

## Milli baýdagyny üýtgetmekçi

Gyrgyz Respublikasynyň häkimiýetleri ýurduň milli baýdagynyň nagşyny üýtgetmek mümkinçiligi baradaky meselä garamagy meýilleşdirýärler. Bişkekde ýurduň parlamentinde geçirilen maslahatda çykyş eden deputat Ulan Primow bu başlangyjy orta atyp:

– Baýdakda şekillendirilen Gün şöhleleriniň göni bolmagy üçin şöhleleriň görnüşini üýtgetmegi teklip edýärin – diýip, belledi.

Primowyň başlangyjyny parlamentiň başlygy Nurlanbek Şakiýew makullady. Gyrgyzystanyň Ýokary geňeşiniň edarasynda bellenilişi ýaly, häzirki wagtda degişli kanun taslamasy boýunça işler alnyp barylýar. Bu kanun iň ýokary kanun çykaryjy edaranyň garamagyna hödürlenmezden ozal köpçülik bilen geňeşiler.

Gyrgyzystanyň milli baýdagy gyzyl gönüburç şekilli baýdakdyr. Onuň merkezinde sary «tunduk» (tüýnük) Gün görnüşinde şekillendirilip, ondan tolkun görnüşli 40 şöhle töweregine ýalkym saçýar.



Gyrgyzystanyň baýdagynyň häzirki nusgasy 1992-nji ýylyň mart aýynda geçirilen parlamentiň maslahatynda resmi taýdan tassyklanyp, şondan bäri ony çalyşmagyň zerurlygy barada mesele gozgalmandy.

## ESASY NEBIT ÜPJÜNÇISI BOLMAGA BIL BAGLAÝAR

Albaniýa onýyllygyň ahyryna çenli esasy nebit we gaz üpjünçisi bolmaga bil baglaýar. Ýurduň Şpirag dag ulgamynda 6 kilometrden gowrak çuňlukda uglewodorod ätiýaçlyklary ýüze çykaryldy. Bu sebitdäki barlaglar uzak wagt bäri dowam edýär. Täze ýyldan öň hökümet bu ýatagy ösdürmegiň geljegini aýdyňlaşdyrjak synaglaryň tamamlanmagyna garaşýar. Deslapky maglumatlar bu ýatakdan köp mukdarda nebitiň çykarylyp bilinjekdigine güwä geçýär.

Albaniýanyň Premýer-ministri Edi Ramanyň sözlerine görä, hünärmenleriň gelen netijeleri tassyklansa, «Shell» korporasiýasy Şpirag sebitinde infrastrukturany ösdürmek maksady bilen 7 milliard ýewro maýa goýar. Şeýle-de bolsa, «Shell» korporasiýasynyň wekilleri alnyp barylýan işler barada doly maglumat berenok. Bilermenler ähli kararlaryň öňde boljak synaglaryň barşynda alynjak maglumatlara baglydygyny belleýärler.

Albaniýanyň hökümeti ýylda millionlarça dollar girdeji gazanmak maksady bilen ýurtda möhüm baýlyk çeşmesini döretmäge bil baglaýar. Häkimiýetler eýýäm bu serişdeler üçin «Özygtyýarly gaznanyň» taýýarlanýandygy barada habar berdiler.



## ŞWESIÝANYŇ ILKINJI SÜRÜJISIZ OTLUSY

**Stokgolm metrosynda «Fridhemsplan» bilen «Elwhýo» stansiýalarynyň arasynda alty stansiýaly täze ugry gurmak meýilleşdirilýär. Maglumatlara görä, onuň gurluşygy dokuz ýyl dowam eder.**

**Stokgolm sebit geňeşi metro ugrunyň Şwesiýada ilkinji sürüjisiz otly boljakdygyny habar berdi. Geňeş agzalary sürüjisiz otlularyň energiýa tygşytlaýandygyny we adaty otlulara garanyňda, tehniki taýdan hyzmat etmegiň zerurlygynyň az boljakdygyny belleýärler. Şeýle-de, sürüjisiz otlulary agşam dolandyrmagyň aňsat boljakdygy bellenilýär.**

**Metro ulanyjylar sürüjisiz otlularyň taslamasyna şübheli garap, adam tarapyndan dolandyrylýan ulagda syýahat etmegiň has ygtybarlydygyny bellediler.**





# TOKAÝDA GIZLENEN GÖZELLIK

**Dünýäde ululy-kiçili şäherleriň 10 müňüsi bolup, ýerleşişi, tebigaty we binagärlik desgalary bilen biri-birinden tapawutlanýar. Syýahatçylyk pudagynda uly şäherler köp jahankeşdäni kabul edip, meşhurlyk gazanýan hem bolsa, kiçi şäherleriň arasynda-da syýahatçylary haýran galdyrýanlary bar. Şeýle şäherleriň biri hem Lýublýana bolup, gazetimiziň şu sanynda bu şäher baradaky maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**

Lýublýana diýlende Merkezi Ýewropanyň özüneçekiji, kiçijik şäheri göz öňüňe gelýär. Aňyrsy-bärsi görnüp duran bu şäher dünýäniň meşhur şäherleri ýaly syýahatçylara birnäçe başdangeçirmeleri hödürleýär. Lýublýana Sloweniýanyň paýtagty bolup, Alp daglary bilen Adriatikanyň gabatlaşýan ýerinde ýerleşýär. Geografik taýdan amatly ýerde ýerleşen bu şäher Ýewropa Bileleşiginde tokaý örtügi boýunça üçünji orunda durýar. Ýagny Lýublýananyň ýerüsti meýdanynyň 66 göterimini tokaýlar tutýar. Şäheriň tutýan meýdany 163,8 inedördül kilometr bolup, 285 müň ilaty bar.

Lýublýana Lýublýanika derýasynyň sag we çep kenarlaryna uzalyp gidýär. Derýanyň boýunda hatara düzülen kafeler, restoranlar we owadan köprüler bar. Bu ýerden uly depäniň üstüne çykyp, Lýublýana galasyny synlap bolýar. Bellemeli zatlaryň biri, Lýublýana gelýän myhmanlaryň şäherde azaşmak aladasynyň bolmazlygydyr. Ýagny bu ýerde ýollar derýa bilen ugurdaş gurlupdyr. Galyberse-de, şäheriň her burçunda salgy beriş nokatlary bar.

Kiçijik şähere gelýän syýahatçylaryň sany ýyl-ýyldan köpelýär. Lýublýananyň täsin tebigaty we arassa howasy jahankeşdeleriň göwnüni göterip, şähere gezelenç etmäge mümkinçilik berýär. Gezelenç derýanyň kenarynda ýöremekden başlanýar. Isleg bildirýänler üçin derýada gaýykly gatnaw hem bar. Haçanda gülgüne ybadathananyň ýerleşýän ýerine, ýagny Preseren meýdanyna ýetilende, şäheriň nyşanlarynyň biri bolan üç köprä gözüň düşýär. Köprüden geçmezden ozal meýdança ady dakylan slowen şahyry Frank Preserениň heýkelini synlap, şahyryň diwara ýazylan söýgi setirlerini okap bolýar. «Triple Bridge» (üç köpri) meşhur binagär Ýože Pleçnik tarapyndan taslamasy işlenip, 1800-nji we 1930-njy ýylda gurlan meşhur pyýada köprüsidir. Köpriniň üstünden daş-töweregi synlamak arkaly şäheriň owadan binagärliginiň şaýady bolýarsyň. Şäheriň döwrebap merkezi bolan Mestni meýdançasy hem syýahatçylaryň köp barýan ýeridir. Meýdançada wenesiýaly binagär Frančesko Robba tarapyndan esasy nyşanlaryň biri bolan Üç Karniola çüwdürimi gurlupdyr. Meýdançadan ýokarlygyna daşly köçelerden ýöräp, şäher galasyna barylýar. Bu ýer şäheriň iň gadymy we owadan künjegidir. Galada taryhy binalar bilen bir hatarda, döwrebap jaýlary, restoranlary we dükanlary görmek bolýar. Lýublýanada gadymy binalaryň köpdügine garamazdan, ýaş şäherleriň biri hasaplanýar. Sebäbi bu şäherde 50 müň talyp bilim alýar.

Syýahatyň indiki duralgasy şäheriň nyşany bolan aždarha heýkelleri bilen bezelen Dragon köprüsidir. Lýublýanikanyň üstünde gurlan bu köpri duşmana haýbat atmagyň manysy hökmünde bina edilipdir. Şäheri aýlanyp ýörkäň, simlerden asylan köne aýakgaplary görmek bolýar. Munuň uniwersiteti tamamlan talyplaryň däbidigine her kim geň galýar. Gijelerine şäheriň şatlyk-şowhuny has-da artýar. Köçelerde aýdym-saz çykyşlaryny, tanslary we sungat eserleriniň sergilerini synlamak bolýar.

Şäherde hemmeler birek-biregi tanaýan ýaly özlerini dostlukly gatnaşykda alyp barýarlar. Şäher kiçi bolansoň, ýolda duş gelen adamlaryňy günüň dowamynda üç-dört gezek görmek bolýar. Wenesiýa, Zagreb we Wena ýaly şäherlerden birnäçe sagat uzaklykda ýerleşýän Lýublýana tebigy gözelliklere beslenen syýahat edilmeli şäherleriň biridir.



# GALYNDYLARYŇ ÖŇÜNI ALMAK ÖZÜŇIZE BAGLY

**Häzirki wagtda dünýäde her ýyl 1,3 trillion tonna azyk önümi sarp edilýär. Azyk önümleriniň zaýalanmagy ýa-da azyk galyndylary howanyň üýtgemegine, esasan hem, kömürturşy gazynyň bölünip çykmagyna sebäp bolýar. Şol sebäpli isripçiligiň öňüni almak derwaýys meseleleriň biri bolup durýar. Bilermenler galyndylaryň öňüni almak baradaky taslamalary orta atyp, şu ýörelgeleri öňe sürýärler. Bu ýörelgeler her bir adamyň ekologiýa abadançylygyna goşant goşmagy hem-de çykdajylaryny azaltmagy üçin möhüm ädimlerdir.**

**Artykmaç zat satyn almazlyk üçin sanaw düzüň!**

Söwda etmäge gitmezden ozal, gerekli zatlaryň sanawyny taýýarlamaly. Bu babatda aşhananyň içine göz gezdirmek zerur bolup, sowadyjyda nämäniň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamaly. Bazara ýa-da söwda nokatlaryna barlanda sanawdaky gerekli zatlary satyn almaly. Öýüňizde öň hem bar bolan ýa-da zerur bolmadyk iýmit önümlerini satyn almak isripçilige sebäp bolar.

**Iýmit önümleriniň ýaramlylyk möhletine üns beriň!**

Bilşimiz ýaly, gaplanan azyk önümleri belli bir sene aralykda ulanmaga ýaramly diýen ýazgy bilen ulanyşa goýberilýär. Şol sebäpli gaplanan azyk önümlerini satyn alýan wagtyňyz olaryň ýaramlylyk möhletine üns bermek zerurdyr. Eger gerekli önümiňiziň ýaramlylyk möhleti ýakynlan bolsa, şol möhlete çenli iýmiti gutaryp biljekdigiňiz barada pikir ediň! Gutaryp bilmerin öýtseňiz satyn almaň! Gury iýmitler, galla we aş önümleri uzak saklamak üçin howpsuz hasaplanýar.

**Aşhanadaky azyk önümlerini gündelik gözden geçiriň!**

Satyn alnan gök önümleriň zaýalanmazlygy üçin her gün gözden geçirmeli. Azyk önümlerini, esasan hem, gök önümleri terligine az-azdan satyn almaly. Eger-de köp mukdarda alnan ýa-da melleğiňizde ösdürip ýetişdiren bolsaňyz, olaryň uzak saklanmagy üçin amatly şertleri döretmeli. Gök önümleriň gabygy garalyp ýa-da ýygrylyp ugran bolsa, olary soňa goýmaly däl.

**Saklanyşyna üns beriň!**

Käbir iýmitleri sowadyjyda, käbirlerini bolsa otag şertinde saklap bolýar. Şol sebäpli satyn alnan iýmitleriň saklanyş ýagdaýyny bilmek zerurdyr. Şeýlelikde, siz azyk önümlerini galyndysyz ulanyp bilersiňiz.

**Galan naharlary doňdurup goýuň!**

Maşgala agzalaryňyzyň iýip biljek naharyny taýýarlaň hem-de ony her kime aýratynlykda hödürläň! Şeýlelikde, tabakda artykmaç naharyň galmagynyň öňüni alarsyňyz. Eger-de tagam köp mukdarda taýýarlanan bolsa, galanyny sowadyjyda doňdurup goýuň!

**Iýip bilmejegiňizi paýlaşyň!**

Öýde ýa-da köpçülikleýin naharlananyňyzda iýip bilmejek bölegiňizi ýakynlaryňyz bilen paýlaşyň! Dostlaryňyzy agşamlyk naharyna çagyryň we bilelikde iýiň! Bu isripçiligiň öňüni almak, şeýle hem jemgyýetçilik gatnaşyklaryny berkitmek üçin iň gowy usullaryň biridir.

Islendik zadyň, şol sanda iýmit önümleriniň diňe geregini satyn almak siziň maşgala çykdajylaryňyz üçin hem zerurdyr. Galyndylaryň öňüni almak arkaly hojalygyňyzyň maddy çykdajylaryny azaldyp bilersiňiz.

## ÇAGALAR

✓ Balarylar ýarym kilogram bal öndürmek üçin 2 million güle gonup, 90 kilometr töweregi ýol geçmeli bolýarlar.

*(Türkmen halk ertekisi)*



# ŞÄRIKLI EKIN

Günleriň birinde göle, geçi we sakyrtga şärikli ekin ekmäge çykypdyr. Bular bir boşluk meýdana ekin ekjek bolsalar, bir tilki gelip:

– Bu ýer meniň atamdan galan miras ýerdir. Meni hem şärik etmeseňiz, size bu meýdanda ekin ekdirjek däl – diýipdir. Onda göle:

– Bolýar, saňa-da bir paý beräýeris – diýipdir.

Soňra tilki:

– Men size azalyň gulak çöpüni getireýin – diýip gidipdir. Aradan esli wagt geçipdir, emma tilki gara bermändir.

Bular bugdaýy ekip, orup, döwüp harman edende, hälki tilki bir ýerlerden peýda bolupdyr.

Göle tilkini görüp:

– Wiý, tilki dost, sen ýekeje gün hem işlemediň. Sen bu harmana zähmet siňdirmediň. Şonuň üçin saňa hiç zat berjek däl – diýipdir. Onda tilki:

– Geliň, şu ýerden ylgaşalyň! Kim öňürti barsa, harmany şol alsyn. Yza galana zat ýok – diýipdir.

Sakyrtga hem tilkiniň sözüni makullap:

– Geliň, şeýle edeliň – diýipdir.

Muňa hemmesi razy bolupdyr. Ylgaşanlarynda, tilki olardan öňe düşüpdir. Sakyrtga bolsa, bildirmän tilkiniň guýrugyna ýapyşan eken. Tilki hemmeden öň baryp, harmanyň üstünde oturjak bolanynda, sakyrtganyň:

– Waý, meni öldürdiň – diýen sesi eşidilipdir.

Tilki muňa geň galyp:

– Sakyrtga dost, sen haçan geldiň? – diýip sorapdyr.

Onda sakyrtga:

– Aý, meniň bireýýäm harmana gelip, dem-dynjymy alyp oturşym – diýip, jogap beripdir.

Şeýdip, harmany büs-bütin sakyrtga almaly bolupdyr. Ýöne akylly sakyrtga bile ekin eken şärikleri göle we geçi bilen harmany paýlaşypdyr. Tilki bolsa, öz emeline özi çolaşyp, hiç zatsyz galypdyr.

**«Halal zähmet – baky döwlet»**



# BAL NÄME ÜÇIN ZAÝALANMAÝAR?



**Balaryçylyk oba hojalygynda üns berilýän ugurlaryň biri bolup, gözbaşyny has irki ýyllardan alyp gaýdýar. Bal adam saglygy üçin peýdaly iýmitleriň biri hasaplanýar. Gadymy döwürlerden bäri dürli keselleri bejermekde bu iýmitden peýdalanylyp gelinýär. Esasan hem, sowuklamanyň we dümewiň öňüni almakda balyň ähmiýeti örän uludyr. Eýsem, bu süýji iýmitiň saklanyş möhleti näçe?**

Balyň ýaramlylyk möhleti çäklendirilmedik. Balarylaryň taýýarlan süýjüsini müňlerçe ýyllap saklap bolýar. Soňky ýyllarda Müsürde geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde müňlerçe ýyl bäri saklanyp galan golçalar tapyldy. Bu arheologik açyşyň iň geň tarapy golçalaryň içinde balyň bolmagydyr. Şeýle hem tapylan ballaryň bilermenler tarapyndan iýmek üçin ýaramly diýip tassyklanmagydyr. Görnüşi ýaly, bal müňlerçe ýyl, hatda müdimilik zaýalanman saklanmagy mümkin bolan iýmitdir.

### NÄME ÜÇIN ZAÝALANMAÝAR?

Balyň uzak saklanmagynyň syry düzüminde suwuň az bolmagydyr. Ýagny baldaky çyglylyk pes. Arylar güllere gonup, şire ýygnaýan wagty ganatlary bilen nektara çalt-çaltdan urýarlar. Bu ýagdaý güldäki damjalaryň daş-töwerege serpikmegine getirip, arylaryň arassa şire ýygnamagyna mümkinçilik berýär. Bilşimiz ýaly, iýmiti zaýalanmazdan saklamagyň usullarynyň biri-de, gurak ýagdaýda saklamakdyr. Balda suwuň işjeňliginiň pes bolmagy mikroorganizmleriň ýaşamagyna ýol bermeýär. Şeýlelik bilen balyň içinde bakteriýalar ösüp bilmeýär. Şol sebäpli bal zaýalanmaýar.

### NÄHILI SAKLAMALY?

Bally gabyň agzyny agyzýapy bilen örtmek üns berilmeli şertleriň biridir. Çünki bally gabyň agzy näçe berk ýapylsa, çyglylyk oňa täsir edip bilmez. Gapak ýapylsa ýa-da bu iýmite suw goşulmasa, bal hiç wagt zaýalanmaýar. Şeýle hem arylaryň süýji iýmitini saklamak üçin sowadyjy zerur däl. Ony adaty otag şertinde saklap bolýar.

### NÄDIP ÖNDÜRILÝÄR?

Arylaryň güllere gonup, ýygnaýan süýji iýmitine bal diýilýär. Balarylaryň bedeninde gülleriň nektaryny bala öwürmäge mümkinçilik berýän ferment bar. Işeňňir uçujylar birnäçe kilometr ýol geçip güllerden toplan nektaryny öýjükli gözeneklere daşaýarlar. Gözenekler gül şiresinden dolansoň, daşyny mum bilen gaplaýarlar. Birnäçe hepdeden soň bal öýjüklerden süzülip, iýmitlik hökmünde taýýar bolýar. Balyň düzüminde wodorod peroksidi atly madda saklanýar. Bu madda antiseptik häsiýete eýe bolup, bakteriýalary baldan uzaklaşdyrýar.



**GYZYKLY MAGLUMATLAR:**

- ☑ Bal mör-möjekler tarapyndan ýasalýan, iýilýän ýeke-täk iýmitdir.
- ☑ Balarylar ýarym kilogram bal öndürmek üçin 2 million güle gonup, 90 kilometr töweregi ýol geçmeli bolýarlar.
- ☑ Balyň bakteriýalara garşy antiseptiki täsiri bar.
- ☑ Arylar tans etmek we dürli şekilleri ýasamak arkaly biri-biri bilen habarlaşýarlar.
- ☑ Balarylaryň ys alyjylygy güýçli bolup, 170 dürli ysy saýgaryp bilýär.
- ☑ Bal ýygnaýan işçi ary bary-ýogy 5-6 hepde ýaşaýar. Bu döwürde bu uçujy bir çaý çemçesi ýaly bal öndürýär.

Sanlary birleşdiriň!



Şekili reňkläň!



Labirint





Origami



10 tapawudy tapyň!



Gyzykly pursat



## Bir sözlemde...

Russiýanyň 2-nji ligasynda ildeşimiz Gurban Berdiýewiň tälim berýän «Dinamo-Mahaçkala» topary 12-nji tapgyrda myhmançylykda «Ýeniseý» toparyndan Serder Serderowyň 84-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda üstün çykyp, utugyny 24-e çykardy we «Sokol» bilen «Alaniýanyň» hem golsuz deňme-deň oýnamagyndan soň sanawyň 1-nji ornuna beýgeldi.

Boks boýunça agyr agramyň iki çempiony — WBC-niň çempionlyk guşagynyň eýesi, britaniýaly Taýson Fýuri bilen WBA, WBO, IBF, IBO guramalarynyň hem-de «The Ring» žurnalynyň çempionlyk guşaklarynyň eýesi, ukrainaly Aleksandr Usygyň öňümizdäki aýlarda Saud Arabystanynyň Er-Riýad şäherinde tutluşyk geçirjekdigi habar berildi.

Ýaponiýanyň paýtagty Tokioda zenanlaryň arasynda geçirilen 38-nji «Toray Pan Pacific Open» tennis ýaryşynda russiýaly Weronika Kudermetowa çempionlyk gazanyp, ol finalda amerikaly Jessika Pegulany 7:5, 6:1 hasaplar bilen ýeňdi we 2-nji WTA Kubogyny asmana galdyrdy.

Tennis boýunça zenanlaryň arasynda Hytaýyň Ninbo şäherinde geçirilen «Açyk» çempionatyň finalynda russiýaly Diana Şnaýderden 6:2, 6:1 hasaplar bilen üstün çykan tunisli Uns Jaber karýerasyndaky 5-nji WTA Kubogyny gazandy.

Tennis boýunça Gazagystanda erkekleriň arasynda geçirilen «Astana Açyk» çempionatynyň finalynda fransiýaly Adrian Mannarino bilen amerikaly Sebastian Korda duşuşyp, ýewropaly tennisçi 4:6, 6:3, 6:2 hasaplar bilen ýeňiş gazandy (4-nji kubogy).

Golf boýunça 2 ýyldan bir gezek guralýan 44-nji «Ryder» Kubogy ilkinji gezek Italiýada geçirildi we Luk Donaldyň kapitanlygyndaky Ýewropa topary 16,5 utuk gazanyp, 11,5 utuk toplan ABŞ-nyň toparyndan üstün çykdy (umumylykda, ýewropalylaryň 15-nji ýeňşi).





# AFK Çempionlar Ligasynda 2-nji duşuşyklar

**AFK Çempionlar Ligasynda toparçalardaky 2-nji duşuşyklara badalga berildi.**

«A» toparçadaky oýunlarda BAE-niň «Al-Ain» topary öz meýdançasynda «Ahal» toparyndan 4–2 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda ýer eýeleriniň gollaryny Erik (4), Rahimi (32), Laba (41) hem-de Otonn (70), myhmanlaryň gollaryny bolsa Elman Tagaýew bilen Daýanç Meredow geçirdi. Şeýle-de, «Al-Feýha» topary öz meýdançasynda «Pahtakory» Sabiriniň 10-njy we 71-nji minutlardaky gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi.

**«B» toparçada** «Şarjah» (BAE) «Al-Faýsalini» (Iordaniýa) 1–0, «Nasaf» bolsa «Al Sadd» toparyny 3–1 hasabynda utdy. AFK Çempionlar Ligasynda «C» toparçada Özbegistanyň AGMK topary öz meýdançasynda Yragyň «Al-Kuwa Al-Jawiýa» toparyndan 2–1 asgyn geldi. «Sepahan» bilen «Al-Ittihadyň» arasyndaky oýun käbir sebäplere görä geçirilmedi. Netijede, Eýranyň «Sepahan» toparyna 3–0 tehniki ýeňlişiň berilmegine garaşylýar.

**«D» toparçada** çempionlygyň dalaşgärlerinden «Al Hilal» myhmançylykda Eýranyň «Nassaji Mazandaran» toparyny 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Dartgynly geçen oýunda arap klubunyň gollaryny Mitrowiç (18), Neýmar (58) hem-de Al-Şehri (90+3) derwezä girizdi. Edil şonuň ýaly, Özbegistanyň «Nawbahor» topary Hindistanyň «Mumbaý Siti» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi.

**UEFA Çempionlar Ligasynyň iň köp gol geçiren oýunçysynyň AFK Çempionlar Ligasyndaky ilkinji goly**

**«E» toparçada** Saud Arabystanynyň wekili «Al Nassr» topary öz meýdançasynda Täjigistanyň «Istiklol» topary bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda myhmanlar 1-nji ýarymda 1–0 öňe saýlandy. Bu goly 44-nji minutda täjik klubunyň kot-d'iwuarly hüjümçisi Senin Sebai geçirdi. Ýöne 2-nji ýarymda has gysyş görkezen arap kluby ýyldyzlarynyň gollary bilen ýeňiş gazanmagy başardy. 66-njy minutda super ýyldyz Kristiano Ronaldo hasaby deňledi. 72-nji minutda Anderson Talişka «Al Nassr» toparyny öňe çykaryp, ol 77-nji minutda-da oýna soňky nokady goýdy. Şunlukda, 3-1 hasabynda ýeňiş gazanan «Al Nassr» 2-nji duşuşygynda-da 3 utugy almagy başardy.

Duşuşykda portugaliýaly super ýyldyz Kristiano Ronaldo AFK Çempionlar Ligasyndaky ilkinji goluny geçirdi. Toparçadaky beýleki duşuşykda «Persepolis» (Eýran) myhmançylykda «Al-Duhail» (Katar) toparyny Alişahyň 63-nji minutdaky goly bilen 1–0 utdy.

## INDIKI ÝARYŞDA ÝEŇIŞ GAZANSA ÇEMPIONLYGYNY YGLAN EDER

**Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň 11-nji ýaryşy Çiliniň Konsepsion şäherinde geçirildi. Ýaryşda 321,06 kilometr aralygy 3 sagat 6 minut 38,1 sekuntda tamamlan «M-Sport Ford» toparynyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak ýeňiş gazandy. Bu onuň şu möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 19-njy ýeňşi boldy. Tanakdan 42,1 sekunt soň pellehana gelen «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly sürüjisi Tierri Noýwill 2-nji ýeri eýeledi. «Toyota Gazoo Racing» toparynyň çempionlyk üçin göreş alyp barýan sürüjileri – britaniýaly Elfin Ewans bilen umumy sanawyň lideri, finlýandiýaly Kalle Rowanpera ýaryşy 3–4-nji bolup tamamladylar.**



**Çili Rallisinden soň möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda, Kalle Rowanpera bassyr 2-nji çempionlygynyň bosagasynda dur. 217 utugy bolan sürüji 12-nji ýaryşda ýeňiş gazansa çempionlygyny yglan eder. 2-nji ýerdäki Elfin Ewansyň 186, 3-nji orundaky Noýwilliň 155 utugy bar. Möwsümiň 12-nji ýaryşy – Merkezi Ýewropa Rallisi 26–29-njy oktýabr aralygynda Germaniýanyň Bawariýa welaýatyndaky Passau şäherinde geçiriler.**

# Soňky minutda öz derwezesine gol geçirdi

**Angliýanyň «Premier Ligasynda» 7-nji tapgyryň çäginde şu duşuşyga çenli ýeňlişsiz gelen 2 topar – «Tottenham» bilen «Liwerpul» klublary Londonda duşuşdy. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýun ýatdan çykmajak wakalara baý bolup, duşuşyk «liwerpullylar» üçin dramatik ýagdaýda tamamlandy.**



**Oýnuň 26-njy minutynda emin «Liwerpulyň» ýarymgoragçysy Jons Körtisiň eden gödek hereketi sebäpli gönümel gyzyl kart görkezdi. 34-nji minutda emin VAR bilen düşünişip bilmän, Luiz Diazyň geçiren goluny ofsaýt diýen netije bilen hasaba almady. Duşuşykdan soň «Premier Liganyň» eminler guramasy goluň ofsaýt däldigini beýan etdi. Bu wakadan 2 minut soň Hyn Min Son londonlylary öňe geçirdi. Şunça şowsuzlyklara garamazdan, «Liwerpul» 45+4-nji minutda Gakponyň goly bilen hasaby deňläp, arakesmä deňlik ýagdaýynda çykdy. Ýöne 2-nji ýarymda-da şowsuzlyklar «Liwerpul» toparynyň ýakasyny goýbermedi. Agyr şikes alan Gakpo 2-nji ýarymda oýnamady. 68-nji minutda sary kart alan Diego Žota 1 minutdan soň ýene bir sary kart alyp, meýdançadan çykaryldy. Meýdançada 2 oýunçy kem galan «Liwerpul» şondada garşylyklaýyn hüjümleri geçirmäge synanyşsa-da, oýun olar üçin dramatik ýagdaýda tamamlandy. Oýnuň 90+6-njy minutynda sag gyradan jerime meýdançasynyň içine geçirilen topy ýalňyşlyk bilen urup, derwezä girizen Joel Matip, deňme-deňlige razy bolup duran toparyna däl-de, ýer eýeleri «Tottenham» toparyna ýeňiş getirdi. Şunlukda, «Liwerpul» toparynyň täze möwsümdäki ýeňlişsiz ýörişi ir tamamlandy. «Liwerpul» toparyna «Premier Ligada» ilkinji 7 tapgyrda 4 gezek gyzyl kart görkezildi.**



## Hepdäniň esasy duşuşyklary

*7-nji oktýabr:*

Luton Tawn – Tottenham (16:30)
Inter – Bolonýa (18:00)
Borussiýa D – Union Berlin (18:30)
Man. Ýunaýted – Brentford (19:00)
Börnli – Çelsi (19:00)
Real Madrid – Osasuna (19:15)
Ýuwentus – Torino (21:00)
Jenoa – Milan (23:45)
Reýms – Monako (00:00)

*8-nji oktýabr:*

Aýaks – AZ (17:30)
**Braýton – Liwerpul (18:00)**
**West Ham – Nýukasl (18:00)**
Lasio – Atalanta (18:00)
Atletiko – Real Sosiedad (19:15)
Lans – Lill (20:05)
**Arsenal – Mançester Siti (20:30)**
Bawariýa – Fraýburg (20:30)
Kaliari – Roma (21:00)
Spartak – SSKA (21:00)
Napoli – Fiorentina (23:45)
Renn – PSŽ (23:45)
Granada – Barselona (00:00)

# Myhmançylykdaky toparlaryň ýeňşi

*UEFA Çempionlar Ligasynda 2-nji duşuşyklar geçirilip, «A», «B», «C», «D» toparçalarda oýnalan oýunlarda 28 gol derwezä girizildi. Şol 8 oýnuň 5-sinde myhmançylykdaky toparlar ýeňşini baýram etdi. 1 oýun deňlikde tamamlanyp, 1 oýunda-da ýer eýeleri ýeňiş gazandy.*





**«A» toparçada** «Mançester Ýunaýted» bilen «Galatasaraýyň» arasyndaky duşuşyk diýseň çekeleşikli we dartgynly geçdi. Rasmus Heýlunnyň gollary (17, 67) bilen 2 gezek öňe geçen «Mançester Ýunaýted» bu üstünligini saklap bilmedi (3–2). «Galatasaraýa» ýeňiş getiren gollary Wilfred Zaha (23), Kerem Aktürkoglu (71) hem-de Mauro Ikardi (81) geçirdi. Ikardiniň 78-nji minutda penalti salyp bilmedik oýnunda «Mançester Ýunaýtediň» braziliýaly ýarymgoragçysy Kazemiro 77-nji minutda gyzyl kart aldy.



Toparçadaky beýleki oýunda «Bawariýa» ýer eýeleri «Kopengagen» toparynyň Lerageriň (56) goly bilen öňe saýlanandygyna garamazdan, Musiala (67) hem-de Teliň (83) gollary esasynda 2–1 ýeňiş gazandy. Nemes kluby toparçalarda 36 oýundan (33 ýeňiş, 3 deňlik) bäri ýeňilmän gelýär.

**«B» toparçada** «Mançester Ýunaýtedden» soň başga bir iňlis kluby «Arsenal» hem ýeňlişe sezewar boldy. Myhmançylykda «Lans» bilen duşuşan londonlylar Gabriel Žesusyň (14) goly bilen 1–0 öňe saýlansa-da, meýdançany utuksyz terk etdiler. «Lans» topary Tomasson (25) hem-de Wainiň (69) gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Soňky minutlary dartgynly geçen oýunda PSW bilen «Sewilýa» 2–2 hasabynda deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdy (De Ýong 56 p, Teze 90+5 — Gudel 68, En-Nesiri 87).

**«C» toparçadaky** 2 duşuşyk hem myhmanlaryň 3–2 hasabyndaky ýeňşi bilen tamamlandy. Kubogy iň köp eýelän «Real Madrid» Italiýada «Napoliden» 3–2 hasabynda üstün çykdy. «Real Madridiň» gollaryny Winisius Junior (27), Jud Bellingam (34) hem-de Aleks Meret (78 ö.d.) geçirdi. Ýer eýeleriniň adyndanam Estigor bilen Zielinski tapawutlandy.

Ilkinji gezek gatnaşýan «Union Berlin» topary öz meýdançasynda «Bragany» kabul etdi. Şeraldo Bekkeriň gollary bilen 2–0 öňe geçen berlinliler soňky minutlarda ýeňlişe sezewar boldy. 2-nji ýarymda erjel oýun görkezen «Braganyň» gollaryny 41-nji minutda Niakate («Napoli» bilen geçirilen duşuşykda 88-nji minutda öz derwezesinden gol geçiripdi), 51-nji minutda Bruma hem-de 90+4-nji minutda Andre Kastro geçirdi.

**«D» toparçada** «Inter» öz meýdançasynda «Benfika» bilen duşuşyp, italýanlara ýeňiş üçin ýeke gol ýeterlik boldy. Şol goly-da 62-nji minutda Markus Turam geçirdi. Italýan kluby 13 oýundan bäri öz meýdançasynda portugal klublaryndan ýeňilmän gelýär. 1-nji duşuşykda «Benfikany» myhmançylykda 2–0 ýeňen «RB Salsburg» öz meýdançasynda şol hasap bilen «Real Sosiedaddan» asgyn geldi. Ispan klubuna 3 utuk gazandyran gollary 7-nji minutda Oýarzabal, 27-nji minutda-da Brais Mendes geçirdi.

# Birinjilik ugrunda ýiti göreş dowam edýär

Moto GP boýunça möwsümiň 14-nji ýaryşy Ýaponiýanyň Motegi şäherinde geçirildi. Çekeleşikli geçen ýaryşda «Prima Pramac Ducati» toparynyň ispaniýaly sürüjisi Horge Martin ýeňiş gazandy. Ol 12 aýlawy (aslynda 24 aýlaw bolmalydy, ýöne howa şertleri sebäpli 12 aýlaw geçirildi) 24 minut 6,314 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 3-nji, karýerasyndaky 4-nji ýeňşini baýram etdi. Ondan 1,413 sekunt yza galan «Ducati Lenovo» toparynyň italiýaly piloty Françesko Banaia 2-nji ýeri eýeledi. Moto GP-niň rowaýaty sürüjilerinden, «Repsol Hondanyň» ispaniýaly piloty Mark Markes ýaryşy 3-nji orunda tamamlady. Moto GP-niň 7 gezek çempiony Markes 15 ýaryşdan soň münbere çykmagy başardy. «Mooney VR46 Racing» toparynyň italiýaly sürüjisi Marko Bezzekkiniň 4-nji bolan ýaryşynda Aleiks Espergaro 5-nji ýeri eýeledi.

Sprint ýaryşynda Horge Martin 1-nji, «Red Bull KTM» toparynyň Günorta afrikaly sürüjisi Bred Baýnder 2-nji, şeýle-de Françesko Banaia 3-nji orna mynasyp boldy.

Ýaponiýa «Gran Prisinden» soň sanawyň lideri Banaia bilen 2-nji ýerdäki Martiniň arasyndaky utuk aratapawudy 3-e düşdi. Banaianyň 319, Martiniň 316 utugy bar. Bu bolsa mundan soňky ýaryşlarda, möwsümiň tamamlanmagyna 5 bäsleşik galanda, ikisiniň arasyndaky çempionlyk göreşiniň has-da çekeleşikli geçjekdigini aňladýar. 3-nji orundaky Bezzekki 265 utuk bilen öňdäki garşydaşlarynyň utuk ýitirmegine garaşýar.



Möwsümiň 15-nji ýaryşy 15-nji oktýabrda Indoneziýada geçiriler.

# «Mançester Sitiniň», «Tottenhamyň» hem-de «Žironanyň» ilkinji ýeňlişi

**Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynda ýeňlişsiz toparlaryň sany barha azalýar. Angliýanyň «Premier Ligasynda» çempion «Mançester Siti» bilen bir hatarda, «Liwerpul», şol sanda Ispaniýada «Žirona» toparlary şu möwsümde ilkinji gezek utulyp, bu derejelerini ýitirdiler. Fransiýada ýeňlişsiz barýan 2 klubuň 7 oýunda gazanan ýeňişlerinden deňme-deňlikleri köpdür. Geçirilen 6–7–8-nji tapgyrlardan soň entägem ýeňiş gazanyp görmedik toparlar bar.**

**Angliýanyň çempionatynda** «Mançester Siti» topary myhmançylykda «Wulwerhemptondan» 2–1 hasabynda asgyn gelip, şu möwsümde ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Mançester şäheriniň beýleki wekili «Ýunaýted» hem öz meýdançasynda «Kristal Palasdan» Anderseniň owadan goly esasynda 1–0 hasabynda utuldy. Wise-çempion «Arsenal» myhmançylykda «Bornmuty» Saka, Edegor, Hawerts hem-de Waýtyň gollary bilen 4–0 hasabynda ýeňdi. London derbisinde «Çelsi» myhmançylykda «Fulhamy» Mudryk we Broýanyň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 14 oýundan soň myhmançylykda ýeňiş gazanan «Çelsiniň» düzüminde ukrainaly hüjümçi ilkinji goluny geçirdi. Onuň «Çelsidäki» ilkinji goluna 24 oýun gerek boldy. «Aston Willanyň» öz meýdançasynda «Braýtony» 6–1 hasap bilen ýeňen oýnunda Watkins het-trik etdi. Myhmançylykda «Ewertondan» 2–1 hasabynda üstün çykan «Luton Tawn» topary taryhynda «Premier Ligadaky» ilkinji ýeňşini gazandy.



**HET-TRIK ÝEŇŞE ÝETMEDI**

**Ispaniýanyň çempionatynda** «Barselona» öz meýdançasynda «Sewilýany» Serhio Ramosyň 76-njy minutda öz derwezesinden geçiren goly esasynda 1–0 ýeňdi. «Real Madrid» bolsa myhmançylykda «Žironanyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Gollary Hoselu, Tçuameni hem-de Bellingam öz atlaryna ýazdyrdylar. «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Kadiz» bilen duşuşyp, garşydaşynyň 2–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, argentinaly oýunçylary Korrea (2) hem-de Molinanyň gollary esasynda 3–2 ýeňiş gazandy. «Almeriýa» – «Granada» duşuşygynda ýer eýeleriniň kolumbiýaly hüjümçisi Luis Suares 1-nji ýarymyň soňky 5 minutynda 3 gol geçirdi. Ýöne bu het-trik ýeňşe ýeterlik bolman, «Granada» hem 3 gol geçirdi we duşuşyk deňlikde tamamlandy.



**«SERIE A»-nyň TARYHYNDA ILKINJI GEZEK**

**Italiýanyň çempionatynda** çempion «Napoli» myhmançylykda «Leççeni» 4–0 hasabynda ýeňdi. Gollary Estigor, Osimhen, Gaetano hem-de Politano geçirdi. Şeýle netije bilen tamamlanan «Salernitana» – «Inter» duşuşygynda taryhy statistika hasaba alyndy. 1-nji ýarymy golsuz geçen oýunda 2-nji ýarymda, 54-nji minutda oýna giren Lautara Martines 4 gol geçirdi. «Interiň» ýyldyz hüjümçisi 62-nji, 77-nji, 85-nji (p) hem-de 89-njy minutlarda tapawutlanyp, «Serie A»-nyň taryhynda oýna soň girip, 4 gol geçiren ilkinji futbolçy boldy. «Milan» topary öz meýdançasynda «Lasiony» Leaonyň asistlerinden soň Pulişiç hem-de Okaforyň gollary bilen 2–0 utdy. Edil şonuň ýaly, «Roma» toparyda «Frozinone» toparyndan Lukaku hem-de Pellegrininiň gollary esasynda 2–0 üstün çykdy. Gollaryň ikisiniň hem pasyny Paulo Dibala berdi. «Empolini» 3–0 hasabynda ýeňen «Bolonýanyň» gollarynyň 3-sini hem Orsolini öz adyna ýazdyrdy.

**Germaniýanyň çempionatynda** «Leipsig» bilen «Bawariýanyň» duşuşygy 2–2 hasabynda deňlikde tamamlandy. Ýer eýeleri Openda hem-de Lukebanyň gollary bilen 2–0 öňe geçse-de, «Bawariýa» 2-nji ýarymda Keýn hem-de Saneniň gollary esasynda hasaby deňledi. «Bawariýa» 4 oýundan bäri «Leipsigi» ýeňmek başardanok. Myhmançylykda «Maýnsy» 3–0 hasabynda ýeňen «Baýer» sanawyň täze lideri boldy.

**Fransiýanyň çempionatynda** soňky çempion PSŽ myhmançylykda «Klermon» bilen golsuz deňme-deň oýnady. Edil şonuň ýaly öňde barýan «Nissa» bilen «Brestiň» arasyndaky oýunda-da hasap açylmady. Jennaro Gattuzony tälimçilige bellän «Marsel» toparyndan 3–2 üstün çykan «Monako» kluby 1-nji orna beýgeldi. «Monakonyň» gollaryny Akliuş (2) bilen Balogun geçirdi.



### PREMIER LEAGUE (7) — 29 gol

**Aston Willa—Braýton: 6–1** (Watkins 14, 21, 65, Estupinian 26 ö.d., Remzi 85, Duglas Luis 90+7 — Fati 50), **Ewerton—Luton Tawn: 1–2** (Kalwert-Lýuwin 45 — Lokier 24, Morris 32), **Nýukasl—Börnli: 2–0** (Almiron 14, Isak 76 p), **M. Ýunaýted—K. Palas: 0–1** (Andersen 25), **Wulwerhempton—Man. Siti: 2–1** (Ruben Diaş 13 ö.d., Hi Çan Hwan 80 — Alwares 58), **West Ham—Şeffild Ýun.: 2–0** (Bowen 24, Souçek 37), **Bornmut—Arsenal: 0–4** (Saka 17, Edegor 44 p, Hawerts 53 p, Waýt 90+3), **Tottenham—Liwerpul: 2–1** (Son Hyn Min 36, Matip 90+6 ö.d. — Gakpo 45+4), **Nottingam—Brentford: 1–1** (Dominges 65 — Nergor 58), **Fulham—Çelsi: 0–2** (Mudryk 18, Broýa 19)

### LA LIGA (8) — 30 gol

**Barselona—Sewilýa: 1–0** (Ramos 76 ö.d.), **Hetafe—Wilýarreal: 0–0, R. Wallekano—Malýorka: 2–2** (A. Garsiýa 4, Falkao 90+12 p — Muriki 44, Sançes 59), **Žirona—Real Madrid: 0–3** (Hoselu 17, Tçuameni 21, Bellingam 71), **R. Sosiedad—Atletik: 3–0** (Le Norman 30, Kubo 48, Oýarzabal 66), **Almeriýa—Granada: 3–3** (Luis Suares 41, 44, 45+1 — Sarragosa 65 p, R. Sançes 70, Uzuni 86), **Alawes—Osasuna: 0–2** (Arnais 36, Budimir 90), **Atletiko—Kadiz: 3–2** (Korrea 32, 66, Molina 46 — Lukas Pires 12, Roher Marti 72), **Betis—Walensiýa: 3–0** (Diao 41, Roka 52, Ezzalzuli 85), **Las Palmas—Selta: 2–1** (Wiera 84 p, Kardona 90+7 — Duwikas 67)

### SERIE A (7) — 23 gol

**Leççe—Napoli: 0–4** (Estigor 16, Osimhen 51, Gaetano 88, Politano 90+5 p), **Milan—Lasio: 2–0** (Pulişiç 60, Okafor 88), **Salernitano—Inter: 0–4** (Martines 62, 77, 85 p, 89), **Bolonýa—Empoli: 3–0** (Orsolini 21, 66, 90+3), **Udineze—Jenoa: 2–2** (Lukka 23, Matturro 90+1 ö.d. — Gudmundsson 14, 41), **Atalanta—Ýuwentus: 0–0, Roma—Frozinone: 2–0** (Lukaku 22, Pellegrini 83), **Torino—Werona: 0–0, Sassuolo—Monza: 0–1** (Kolombo 66), **Fiorentina—Kaliari: 3–0** (Gonzales 3, Dossena 21 ö.d., Nzola 90+4)

### LIGUE 1 (7) — 20 gol

**Strasbur—Lans: 0–1** (Wai 16), **Klermon—PSŽ: 0–0, Monako—Marsel: 3–2** (Akliuş 8, 52, Balogun 23 — Ndiaýe 1, Žigo 18), **Reýms—Lion: 2–0** (Munetsi 45, Abdelhamid 71), **Le Hawr—Lill: 0–2** (Žergowa 40, Salmie 52 ö.d.), **Nissa—Brest: 0–0, Tuluza—Mets: 3–0** (Şmidt 31, Dallinga 43, Magri 82), **Loriýan—Monpelie: 0–3** (Adams 30, 89, Sawanýe 71 p), **Renn—Nant: 3–1** (Burižo 6 p, Due 73, Kalimuendo 90+5 p — Çiriwelýa 45)

### BUNDESLIGA (6) — 28 gol

**Hoffenhaým—Borussiýa D: 1–3** (Kramariç 24 p — Füllkrug 18, Roýs 45+3, Rýuerson 90+5), **Bohum—Borussiýa M: 1–3** (Losilla 68 — Noýhaus 27, Plea 37, 45+3), **Wolfsburg—Aýntraht: 2–0** (Winn 31, 84), **Köln—Ştutgart: 0–2** (Undaw 68, 88), **Maýns—Baýer: 0–3** (Wan den Berg 18 ö.d., Grimaldo 59, Hofmann 65), **Haýdenhaým—Union Berlin: 1–0** (Beste 59), **Leipsig—Bawariýa: 2–2** (Openda 20, Lukeba 26 — Keýn 57 p, Sane 70), **Darmştadt—Werder: 4–2** (Bader 5, Skarke 25, Melem 50, Kempe 62 p — Deman 70, Welkowiç 79), **Fraýburg—Augsburg: 2–0** (Grifo 5 p, Linhart 56)

### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 7 | 6 | 0 | 1 | 17-5 | 18 |
| 2 | TOTTENHAM | 7 | 5 | 2 | 0 | 17-8 | 17 |
| 3 | ARSENAL | 7 | 5 | 2 | 0 | 15-6 | 17 |
| 4 | LIWERPUL | 7 | 5 | 1 | 1 | 16-7 | 16 |
| 5 | ASTON WILLA | 7 | 5 | 0 | 2 | 18-11 | 15 |
| 6 | BRAÝTON | 7 | 5 | 0 | 2 | 19-14 | 15 |
| 7 | WEST HAM | 7 | 4 | 1 | 2 | 13-10 | 13 |
| 8 | NÝUKASL | 7 | 4 | 0 | 3 | 18-7 | 12 |
| 9 | K. PALAS | 7 | 3 | 2 | 2 | 7-7 | 11 |
| 10 | M. ÝUNAÝTED | 7 | 3 | 0 | 4 | 7-11 | 9 |
| 11 | ÇELSI | 7 | 2 | 2 | 3 | 7-6 | 8 |
| 12 | NOTTINGAM | 7 | 2 | 2 | 3 | 8-10 | 8 |
| 13 | FULHAM | 7 | 2 | 2 | 3 | 5-12 | 8 |
| 14 | BRENTFORD | 7 | 1 | 4 | 2 | 10-10 | 7 |
| 15 | W. HEMPTON | 7 | 2 | 1 | 4 | 8-13 | 7 |
| 16 | EWERTON | 7 | 1 | 1 | 5 | 6-12 | 4 |
| 17 | LUTON TAWN | 7 | 1 | 1 | 5 | 6-14 | 4 |
| 18 | BÖRNLI | 7 | 1 | 1 | 5 | 6-16 | 4 |
| 19 | BORNMUT | 7 | 0 | 3 | 4 | 5-15 | 3 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 7 | 0 | 1 | 6 | 5-19 | 1 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 8 |
| 2 | Hyn Min SON (Tottenham) | 6 |
| 3 | Jarrod BOWEN (West Ham) | 5 |
| 4 | Ewan FERGUSON (Braýton) | 4 |
| 5 | Kallum WILSON (Nýukasl) | 4 |

### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 8 | 7 | 0 | 1 | 16-6 | 21 |
| 2 | BARSELONA | 8 | 6 | 2 | 0 | 19-8 | 20 |
| 3 | ŽIRONA | 8 | 6 | 1 | 1 | 18-11 | 19 |
| 4 | ATLETIKO M | 7 | 5 | 1 | 1 | 18-7 | 16 |
| 5 | R. SOSIEDAD | 8 | 4 | 3 | 1 | 16-10 | 15 |
| 6 | ATLETIK B | 8 | 4 | 2 | 2 | 13-9 | 14 |
| 7 | BETIS | 8 | 3 | 3 | 2 | 10-12 | 12 |
| 8 | R. WALLEKANO | 8 | 3 | 3 | 2 | 9-10 | 12 |
| 9 | OSASUNA | 8 | 3 | 1 | 4 | 9-10 | 10 |
| 10 | WALENSIÝA | 8 | 3 | 1 | 4 | 9-10 | 10 |
| 11 | HETAFE | 8 | 2 | 3 | 3 | 10-13 | 9 |
| 12 | KADIZ | 8 | 2 | 3 | 3 | 8-11 | 9 |
| 13 | WILÝARREAL | 8 | 2 | 2 | 4 | 10-13 | 8 |
| 14 | LAS PALMAS | 8 | 2 | 2 | 4 | 4-7 | 8 |
| 15 | SEWILÝA | 7 | 2 | 1 | 4 | 11-10 | 7 |
| 16 | MALÝORKA | 8 | 1 | 4 | 3 | 11-14 | 7 |
| 17 | ALAWES | 8 | 2 | 1 | 5 | 6-12 | 7 |
| 18 | SELTA | 8 | 1 | 2 | 5 | 8-3 | 5 |
| 19 | GRANADA | 8 | 1 | 2 | 5 | 13-21 | 5 |
| 20 | ALMERIÝA | 8 | 0 | 3 | 5 | 11-21 | 3 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 6 |
| 2 | Alwaro MORATA (Barselona) | 5 |
| 3 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 5 |
| 4 | Takefusa KUBO (R. Sosiedad) | 5 |
| 5 | Iniaki WILLIAMS (Atletik B) | 4 |

### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 7 | 6 | 0 | 1 | 19-3 | 18 |
| 2 | MILAN | 7 | 6 | 0 | 1 | 15-8 | 18 |
| 3 | NAPOLI | 7 | 4 | 2 | 1 | 16-6 | 14 |
| 4 | ÝUWENTUS | 7 | 4 | 2 | 1 | 12-6 | 14 |
| 5 | FIORENTINA | 7 | 4 | 2 | 1 | 15-10 | 14 |
| 6 | ATALANTA | 7 | 4 | 1 | 2 | 11-5 | 13 |
| 7 | LEÇÇE | 7 | 3 | 2 | 2 | 8-9 | 11 |
| 8 | BOLONÝA | 7 | 2 | 4 | 1 | 6-4 | 10 |
| 9 | FROZINONE | 7 | 2 | 3 | 2 | 9-10 | 9 |
| 10 | TORINO | 7 | 2 | 3 | 2 | 6-7 | 9 |
| 11 | SASSUOLO | 7 | 3 | 0 | 4 | 11-13 | 9 |
| 12 | MONZA | 7 | 2 | 3 | 2 | 5-7 | 9 |
| 13 | ROMA | 7 | 2 | 2 | 3 | 15-11 | 8 |
| 14 | JENOA | 7 | 2 | 2 | 3 | 10-11 | 8 |
| 15 | WERONA | 7 | 2 | 2 | 3 | 4-6 | 8 |
| 16 | LASIO | 7 | 2 | 1 | 4 | 7-10 | 7 |
| 17 | UDINEZE | 7 | 0 | 4 | 3 | 4-12 | 4 |
| 18 | EMPOLI | 7 | 1 | 0 | 6 | 1-16 | 3 |
| 19 | SALERNITANA | 7 | 0 | 3 | 4 | 4-14 | 3 |
| 20 | KALIARI | 7 | 0 | 2 | 5 | 2-12 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 9 |
| 2 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 5 |
| 3 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 4 |
| 4 | Federiko KIEZA (Ýuwentus) | 4 |
| 5 | Andrea PINAMONTI (Sassuolo) | 4 |

### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MONAKO | 7 | 4 | 2 | 1 | 18-10 | 14 |
| 2 | BREST | 7 | 4 | 2 | 1 | 8--6 | 14 |
| 3 | REÝMS | 7 | 4 | 1 | 2 | 13-8 | 13 |
| 4 | NISSA | 7 | 3 | 4 | 0 | 8--4 | 13 |
| 5 | PSŽ | 7 | 3 | 3 | 1 | 14-6 | 12 |
| 6 | RENN | 7 | 2 | 5 | 0 | 13-7 | 11 |
| 7 | LILL | 7 | 3 | 2 | 2 | 10--9 | 11 |
| 8 | STRASBUR | 7 | 3 | 1 | 3 | 7--9 | 10 |
| 9 | MONPELIE | 7 | 2 | 3 | 2 | 12--9 | 9 |
| 10 | LE HAWR | 7 | 2 | 3 | 2 | 10--9 | 9 |
| 11 | TULUZA | 7 | 2 | 3 | 2 | 9--8 | 9 |
| 12 | MARSEL | 7 | 2 | 3 | 2 | 9--11 | 9 |
| 13 | NANT | 7 | 2 | 2 | 3 | 12--14 | 8 |
| 14 | METS | 7 | 2 | 2 | 3 | 7--13 | 8 |
| 15 | LANS | 7 | 2 | 1 | 4 | 7--12 | 7 |
| 16 | LORIÝAN | 7 | 1 | 3 | 3 | 10--15 | 6 |
| 17 | KLERMON | 7 | 0 | 2 | 5 | 5--12 | 2 |
| 18 | LION | 7 | 0 | 2 | 5 | 3--13 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 7 |
| 2 | Mostafa MOHAMED (Nant) | 5 |
| 3 | Akor ADAMS (Monpelie) | 5 |
| 4 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 4 |
| 5 | Nabil ALIUI (Le Hawr) | 3 |

### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 6 | 5 | 1 | 0 | 20-6 | 16 |
| 2 | ŞTUTGART | 6 | 5 | 0 | 1 | 19-7 | 15 |
| 3 | BAWARIÝA | 6 | 4 | 2 | 0 | 20-6 | 14 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 6 | 4 | 2 | 0 | 6--12 | 14 |
| 5 | LEIPSIG | 6 | 4 | 1 | 1 | 12--6 | 13 |
| 6 | HOFFENHAÝM | 6 | 4 | 0 | 2 | 13-9 | 12 |
| 7 | WOLFSBURG | 6 | 4 | 0 | 2 | 9--6 | 12 |
| 8 | FRAÝBURG | 6 | 3 | 1 | 2 | 7--10 | 10 |
| 9 | AÝNTRAHT | 6 | 1 | 4 | 1 | 4--5 | 7 |
| 10 | HAÝDENHAÝM | 6 | 2 | 1 | 3 | 10--13 | 7 |
| 11 | UNION BERLIN | 6 | 2 | 0 | 4 | 9--10 | 6 |
| 12 | WERDER | 6 | 2 | 0 | 4 | 10--14 | 6 |
| 13 | BORUSSIÝA M | 6 | 1 | 2 | 3 | 11--14 | 5 |
| 14 | AUGSBURG | 6 | 1 | 2 | 3 | 9--15 | 5 |
| 15 | DARMŞTADT | 6 | 1 | 1 | 4 | 10--18 | 4 |
| 16 | BOHUM | 6 | 0 | 3 | 3 | 5--19 | 3 |
| 17 | KÖLN | 6 | 0 | 1 | 5 | 4--11 | 1 |
| 18 | MAÝNS | 6 | 0 | 1 | 5 | 4--17 | 1 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 10 |
| 2 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 8 |
| 3 | Ýonas WINN (Wolfsburg) | 7 |
| 4 | Wiktor BONIFASE (Baýer) | 6 |
| 5 | Leroý SANE (Bawariýa) | 5 |



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ähli uruşlarda we Aşgabat ýertitremesinde wepat bolan gahrymanlarymyzy hatyralap 6-njy oktýabrda ýurdumyzda Hatyra güni bellenilýär. Şöhratly geçmişi mertlige, edermenlige beslenen türkmen halkynyň agzybirligi, jebisligi, birek-birege ýürekdeşligi, ynsanperwerligi kynçylyklary ýeňip geçen-de bolsa, onuň adamlaryň ýüreginde, kalbynda goýan ýarasy welin, hiç mahal bitmez.

Adamzat taryhynda iň uly weýrançylykly ýertitremesiniň biri bolan bu tebigy betbagtçylykda we Watan ugrundaky uruşlarda şehit bolanlaryň hatyrasy belent tutulyp, Siziň baştutanlygyňyzda Türkmenistanda her ýylyň 6-njy oktýabrynda Hatyra güni bellenilip geçilýär, sadakalar berlip, aýat-töwirler okalýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Beriljek sadakalar, okaljak aýat-töwirler gudraty güýçli Allanyň dergähinde kabul bolsun! Şehit bolanlaryň jaýlary jennet, ruhlary şat bolsun! Türkmen ilini, **hormatly Prezidentimiz** – Sizi Beýik Allatagala hemişe öz penasynda aman saklasyn!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

6 октября в Туркменистане скорбная дата – день всенародного поминовения жертв Ашхабадского землетрясения 1948 года, а также героев, павших на полях сражений всех войн.

Память – главная составляющая духовной жизни народа, она соединяет поколения людей, наполняет жизнь особым, сокровенным смыслом, позволяет, соприкоснувшись с прошлым, осознать своё настоящее и уверенно взглянуть в будущее.

В День памяти, который ещё более укрепляет единство и сплочённость туркменского народа. Ваши инициативы также способствуют укреплению мира и дружбы во всём мире. Всё это является подтверждением того, что Вы на государственном уровне придаёте особое значение совершенствованию общества на основе благородных гуманистических национальных традиций.

Пройдя через тяжелейшие испытания своей истории, народ возродил любимый Ашхабад и продолжает преобразовывать его в красивейший город Земли, столицу мира, спокойствия, счастья и благополучия. Особенно прекрасен он в нынешнюю эпоху благодаря целенаправленной реализации градостроительной программы, инициированной Президентом страны, а впереди у нашей столицы – ещё более впечатляющие перспективы. И как не гордиться теми свершениями, что произошли за столь короткий по историческим меркам срок.

**Глубокоуважаемый Президент Туркменистана!** Желаем Вам крепкого здоровья, долголетия и больших успехов в Вашей благородной деятельности!

**С глубоким уважением к Вам,**

**Чэнь ХУАЙЛУН,**
**Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

# «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ähli uruşlarda we Aşgabat ýertitremesinde wepat bolan gahrymanlar hatyralanyp, 6-njy oktýabrda ýurdumyzda Hatyra güni bellenilýär.

1948-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda Aşgabat şäherinde we onuň töwereklerindäki obalarda bolan ýertitreme müňlerçe ynsanyň ömür tanapyny kesdi. Ajaýyp şäher bir gijede weýran boldy.

Türkmen halky Hatyra gününde şehitleri ýatlap sadakalar berýär, aýat-töwirler okaýar. Olaryň jaýlarynyň jennet bolmagyny Beýik Biribardan dileýär hem-de şeýle ajaýyp mümkinçilikleri döredip berenligiňiz üçin **hormatly Prezidentimiz** – Size tükeniksiz hoşallygyny beýan edýär. Bu bolsa türkmen halkynyň ata-babalardan gelýän merhumy hatyralamak ýörelgesiniň häzirki wagtda dowamat-dowamlygyndan nyşandyr. Beriljek sadakalar, okaljak aýat-töwirler kabul bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan baş direktory Ý. GURATOW.**

# «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ähli uruşlarda we Aşgabat ýertitremesinde wepat bolanlar ýatlanyp, 6-njy oktýabrda ýurdumyzda Hatyra güni bellenilýär. Siziň ata-babalarymyzyň gadymy däp-dessurlaryny ilimize gaýtaryp bermegiňiz esasynda eziz Diýarymyzyň mähriban halky şehit bolanlaryny, ata-babalaryny, öten-geçenlerini ýatlap, hatyra gününde sadakalar berýär, aýat-töwirler okaýar.

Mundan 75 ýyl ozal, 1948-nji ýylyň oktýabr aýynyň 6-syndaky bolan aýylganç waka türkmen halkynyň taryhynda pajygaly gün hökmünde ýatlanýar. Süýji ukuda ýatan adamlaryň depesinden aýylganç bela bolup inen ýertitreme müňlerçe adamyň ömür tanapyny kesdi. Garaşsyzlyga eýe bolan türkmen ili Hatyra gününde ýertitremede gurban bolanlaryň we beýleki şehitleriň hatyrasyny tutýar. Biz hem olaryň hatyrasyna beriljek sadakalaryň kabul bolmagyny, merhumlaryň ruhlarynyň şat bolmagyny Beýik Alladan dileýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**